# Taryhyň Gidişini Üýtgeden Hakykat



Joş we Şon Makdaueller

# Taryhyň gidişini üýtgeden hakykat

Joş we Şon Makdaueller

# MENİŇ ŞAHSY SYÝAHATYM

## *Men mesihiligi puja çykarmaga synanyşanymda, näme bolup geçdi?*

**Joş Makdauell**

Men Kellogg kollejde okaýarkam, haçan-da bolsa bir wagt syýasat bilen meşgullanmak üçin ýuridiki mekdebe girmeklige taýýarlanýardym. Talyplaryň ählisiniň arasynda durmuşlary beýlekileriňki ýaly bolmadyk bir topar aýratyndy we olar meniň ünsümi özlerine çekdiler. Pul, şöhrat we üstünlik üçin ýaşamaklygyň deregine bu talyplar hakykatdan hem bir-birlerini hakyky söýýärdiler. Özüm barada aýdanymda bolsa, men bagtsyz maşgalada ulaldym we öz fermamyzda batrak bolup işlän Ueýn Beýli meni

birnäçe ýyllaryň içinde zorlap geldi. Şonuň üçinem bu toparyň agzalarynyň gatnaşyklaryndaky bir-birlerine bolan söýgüsini duýmaklygy diýseň men küýseýärdim. Olaryň ähli adamlara – özleriniň toparyna girýänlere bolşy ýaly özgelere hem bolan söýgüsi meniň üçin diýseň geň galdyryjydy. Emma men *lapykeçlik* bilen şeýle söýgini küýseýärdim.

Ýöne muňa garamazdan, men özümiň ähli ynamsyzlygymda bir sözi hem jogapsyz galdyrmaýan şübheçil adamdym. Ýüregimiň töründe gizleýän ýaralarym we agyrylarym hakda olaryň bilmeklerini men asla islemeýärdim. Şeýdip, men olaryň syryny bilmek umydym bilen olar bilen tanyşdym. Bir gezek talyplar ýygnanyşygynda stol başynda otyrkak, men şol topardan bolan bir gyzdan onuň öz okuw jaýymyzdaky talyplara we mugallymlara meňzemeýändiginiň sebäbi barada tötänlikden ýaly edip soradym. Men bu hakda edil gyzyklanmaýan ýaly edip soradym, emma *hakykatda* men bu hakda bilmegi gaty isleýärdim. Ýeňilje ýylgyrma bilen ol meniň gözlerime göni bakyp, öz okuw jaýy-

myzda kimdir birinden eşiderin diýip umyt etmedik iki sözi aýtdy. Ol sadaja diýdi:

— Isa Mesih.

Bir salym hem oýlanman, men jogap berdim:

— Din hakda bolar-bolmaz ertekileri aýtjak bolup azara galma. Men din, ýygnak we Mukaddes Kitap ýaly zatlardan doýandyryn.

Men onuň iň agyryly ýerine degen bolsam gerek, çünki ol hem edil meniňki ýaly gyzgynlyk bilen jogap berdi:

— Jenap, men size din hakda diýemok. Men size Isa Mesihiň şahsyýeti hakda diýýärin.

Gödek jogap bermeklik meniň kellämede gelmändi, şonuň üçin hem özümiň hereketim üçin men ötünç soradym. Emma şol bir wagtyň özünde men mesihiler — başdan aýak hemmesi şowsuzlar diýip oýlandym, dinden bolsa men kekirdegime çenli doýdum. Nädip iki müň ýyl mundan ozal öleniň meniň şu günki durmuşyma gatnaşygy bolup biler?

Meni haýran galdyryp, talyplaryň bu topary maňa paýhasly çagyryş etdi: ähli zady

özüň barlap görüp, Isa Mesihiň Özi hakda aýdanlarynyň hakykatdygyna göz ýetirmegiň hakda näme diýersiň? Mukaddes Kitap, Mesihiň hudaýlygy we Onuň ölülerden direlmegi baradaky taryhy şaýatnamalaryny öwrenmeklik — bu hakykatdan hem ýönekeý mesele däldi. Şeýdip, men kolleji taşladym we ulaglary reňklemekden ybarat bolan üstünlikli işimdäki toplan pullarymdan peýdalanyp, mesihiligi inkär edýän subutnamalary ýygnamak maksadym bilen bütin Birleşen Ştatlary, Angliýany we Ýakyn Gündogary aýlanyp çykdym. Biziň döwrümizde kitaplardan, ýerli kitaphanalardan we Internetden şeýle subutnamalary tapyp bolar. Emma 1950-nji ýyllarda olary kitaphanalarda we bütin dünýäniň uniwersitetlerinde tapyp bolýardy. Men mesihiligi paş etmek üçin ýola düşdüm. Meniň aýan eden zatlarym meniň durmuşymy göni manyda özgertdi.

Bir gezek agşamara men ençeme aýlaryň içindäki alyp baran barlaglarymdan soň ýadawlyk duýup, Londonyň bir kitaphanasynda ýekelikde otyrdym. Birden edil özüme ýüzle-

nen bir sesi eşiden ýaly boldum. Adatça men hiç hili sesleri eşitmeýärin, şonuň üçinem bu waka meni gaty haýran galdyrdy. Ses şeýle diýdi: «Joş, sen şeýdip ýekeje-de degerli delil tapmadyň». Men dessine özümiň jogap beriji hereketimi bes etdirdim. Ahyrsoňy, men mesihiligi kabul etmän, eýsem ony paş etjekdim ahyryn. Şondan soň günde diýen ýaly şol bir sesi her gezek güýçli eşidendigim gaty geň galdyryjy! Men näçe mesihiligi inkär edýän maglumatlara aralaşdygymça, şonça-da özümiň geljek bolan netijäme garşy netijä alyp barýardy.

Men öz öňümde mesihiligi paş etmeklik maksadyny goýupdym, emma meniň barlaglarym meni özümiň Mukaddes Kitaba ynanyp biljekdigim, Isanyň Hudaýdygy we Onuň üçülenji gün ölülerden direlendigi baradaky netijä alyp bardy.

Ýöne munuň hakykatdygynyň özüm üçin düşnükli bolanynda-da, ilki bilen men öz durmuşymy Isa Mesihe bagyş edip, Onuň yzyndan gitmeklige garşydym. Meni adamlaryň özüm baradaky pikirleri we mesihi bolmak-

lygyň bahasynyň näçä durýandygy baradaky pikirler gorkuzýardy. Emma Isa Mesihe öz durmuşymy bagyş edenimiň bäş onýyllygyndan soň indi men bu çözgüdiň durmuşymdaky iň oňat çözgüt bolandygyny çyn ýürekden aýdyp bilýärin. Mesihiligiň hakykatdygy baradaky bu subutnamalar meniň ünsümi çekdi, ýöne soňky netijede meniň ýüregimi öz syýahatymyň başyndaky şol kollejiň talyplarynyň durmuşynda açyk-aýdyň beýan edilen Hudaýyň söýgüsi özüne tabyn etdi.

«Ölülerden direliş we siz» — bu oglum Şon bilen özümiň ýazan kitabymyz. Eger siz Isa Mesihe ynanýan bolsaňyz, onda bu kitap siziň imanyňyzyň berk esasda durandygyny subut edýän takyk subutnamalary teklip eder diýip umyt edýäris. Munuň bilen ylalaşyp, belki-de, siz bu kitaby beýleki mesihi däl dostlaryňyza teklip etmek hakda oýlanarsyňyz.

Eger siz mesihilige şübheçillik bilen seredýän bolsaňyz, onda bu kitaby takyklanmadyk pikire esaslanmazlyk bilen okamagyňyzy haýyş edýäris. Eger Isa Özüniň Hudaýdygyny

subut edip, ölülerden direlen bolsa (Rimliler 1:4-e seret), onda durmuşda Onuň yzyna eýermekden başga hiç bir wajyp zat ýokdur. Eger Isa ölülerden direlmedik bolsa, onda siziň ýitirere zadyňyz ýok — bu bary-ýogy şowsuz degişme.

Bu dünýäni Isa Mesih ýaly hiç kim hem üýtgetmedi. Ol entegem durmuşlary üýtgetmegiň üstünde zähmet çekýär. Hany, geliň, onda ölülerden direlmekligiň subutnamalary babatda oýlanalyň we *siziň* üçin onuň näme ähmiýete eýedigi hakda pikir edeliň.

## 1-nji bap

# NÄME ÜÇİN ÖLÜLERDEN DİRELMEK ŞEÝLE BİR WAJYP?

## *Dünýäniň ýeke-täk umydy*

Ateistik web-saýtlaryň birinde goýan bir gyzyň düşündirişlerine serediň:

Men aljyraňňylykda... Ylym meniň ähli kynçylyklarymyň çözgüdi bolar diýip, men hemişe ynamlydym, emma baky ýaşaýyş bolmaýan bolsa, onda öňkim ýaly ýaşap bilerin diýip pikir etmeýärin. Bu manysyzlygyň içinde nädip ýaşamalydygy üçin ýoly özbaşdak agtaryp tapmaly bolaryn diýip pikir edýärin. Baky durmuşa bolan ýoly kimdir biriniň salgy bermegini diýseň

> küýseýärin! Eger ylym maňa jogaplary teklip edip bilmeýän bolsa, onda kim muny edip biler?! Biziň durmuşymyza many berjek nähilidir bir ýokary güýjüň bardygy görnüp duran dälmi ahyryn? Ylym ýok diýýär... onda näme, ýok bolsa — onda ýok[1].

Bu gyzyňky ýaly pikirleniş siziň üçin tanyşmy? Size bu küýseg tanyşmy? Bu ateistik älemde siz bularyň barynyň manysy barmyka diýip oýlanyp gördüňizmi? Hatda beýik we meşhur filosof Bertran Rassel hem ateistik älemiň hakykatdan hem manysyzdygyna düşünipdir[2].

Umyt — ine, şu gün biziň medeniýetimize ýetmeýän zat. Eger durmuş bu ejir çekýän planetada häzirki görnüşi ýaly hemme zat bolýan bolsa we ondan başga zat bolmaýan bolsa, onda bar bolmaklygyň manysy hakykatdanam ýok we bu gyzyň aýdyşy ýaly, «ýoly özbaşdak agtaryp tapmaly bolar». Ol ähli zatlara many bermäge ukyply bolan bir zadyň bardygyna düşünýär, ol zat hem *baky durmuş*. Bu gyz adamlaryň baky ýaşamaklary üçin ylym usul tapar diýip umyt edipdi,

emma wagtyň geçmegi bilen ylymyň muňa ukyply däldigine düşünýär.

Bir wagtlar dünýäni dogrudanam gowulyga üýtgetjek Adamyň bardygyna çyn ýürekleri bilen ynanyp, Oňa bil baglan adamlaryň berk topary bar eken. Gyzgyn imanda birigen ýehudylaryň bir toparçasy Isa atly bir Adamyň Mesih, ýagny özlerini rim gulçulygyndan azat edip, ýerde baky we dogruçyl şalygy berkitjek Halasgär bolandygyna berk ynanypdyrlar. Olaryň pygamberi Işaýa gadymy ýehudy ýazgylarynda Mesihiň gelip, jennetdäki ýaly dünýäni täzeden dikeltjekdigi, mundan beýläk uruşlaryň, jebirleriň, gorkularyň we ölümiň bolmajakdygy hakda aýdypdyr (Işaýa 11, 35-e seret). Hemmeler birek-birek bilen parahatçylykda ýaşar.

Özleriniň Halasgäri bolan Mesihiň edil adaty jenaýatçy kimin gözleriniň alnynda rim haçyndaky ölüme höküm edilip, soňky demini goýberýändigine syn edýän Isanyň yzyna eýeren bu kiçijik toparyň psihiki we emosional ýagdaýynyň neneň elhenç bolandygyny bir göz öňüne getiriň! Olar Onuň

yzyna eýermek üçin hemme zatlaryndan geçdiler. Ine-de, Ol haça çüýlendi. Ölýär! Onuň bilen olaryň Oňa baglan ähli umytlary hem öldi. Onuň yzyna eýerijiler edil biziň ýokarda agzap geçen gyzymyz ýaly duýgulary başdan geçiren bolsalar gerek. Ýaşaýyş manysyz ýalydy. Mundan beýläk umyt ýok. Olaryň düşen samsyk ýagdaýlaryndan çykalga ýok ýalydy, kämil we baky durmuşa hiç hili ýol ýok.

Magdalaly Merýem Isa Mesihiň yzyna eýerenleriň biridi. Ol öz pullary bilen Onuň hyzmatyny goldapdy we Oňa bu dünýä baky parahatçylygy getirmek üçin Hudaýyň saýlany diýip ynanýardy. Bu aýal haçyň ýanynda durup, öz Mugallymynyň gödek ýagdaýda jezalandyrylýandygyny öz gözleri bilen gördi. Bu çuňňur haýran galdyryjy ýagdaý bu aýalyň bütin ömrüni köküne çenli dargadan ýalydy.

Rimliler indi Isa öli diýip çözenlerinde, olar Ony haçdan aýryp, bir baý ýehudy ýaşulysyna berdiler we ol Ony täze mazarda jaýlady. Bu elhenç ýagdaýa mundan beýläk

seretmäge güýji bolmadyk Merýem jaýlama märekesiniň gutaranyndan soň mazara dolanyp gelerin diýip, jenaýatyň bolýan ýerini taşlap gitmekligi çözdi. Bazar güni daňdan bu aýal Mesihiň mazaryna tarap ýola düşdi we ol ýerde oňa bir täsin ýagdaý garaşýardy. Isanyň adalatsyz jezalandyrylandygy az bolan ýaly, gaty lapykeç bolan Merýem mazaryň açykdygyny gördi, Isanyň jesedi bolsa ýitirim bolupdy. Kimdir biri jesedi ogurlandyr öýdüp gorkup, Merýem görenleri hakda gürrüň bermek üçin Isanyň şägirtleri bolan Petrus bilen Ýohannanyň ýanyna ylgap bardy. Aýalyň ýekeje-de sözüne ynanman, bu lapykeç iki şägirt aýdylan sözleriň dogrudygyna göz ýetirmek maksady bilen mazara tarap ylgadylar.

Ylgap gelip, olar diňe jesediň dolanan kepenlerini gördüler, emma jesediň özi ýokdy. Gorka düşen we lapykeç bolan bu şägirtler öýlerine dolanyp gelýärler. Magdalaly Merýem bolsa olaryň yzlarynda barýardy. Ýene bir gezek mazara syn etmek üçin biraz yza galyp, bu aýal özüni aňk-taňk eden zady

gördi: mazaryň içinde ýalpyldap duran ak geýimli iki sany perişdäni gördi.

— Sen näme üçin aglaýarsyň? — diýip, perişdeler soradylar.

— Çünki olar meniň jenabymy ogurladylar, — diýip, aýal jogap berdi, — Ony nirä goýanlaryny hem bilmeýärin (Ýohanna 20:13-e seret).

Aýal yzyna seretdi we onuň göz alnynda ondan-da has geň galdyryjy sahna peýda boldy: Isa onuň göni alnynda durdy, diri! Emma geň zat, Isany tanamagyň deregine, bu aýal Ony bagbanmyka öýtdi. Mesih oňa şol bir soragy berdi:

— Gadyrdan aýal, sen näme üçin aglaýarsyň?

Entägem Kim bilen gürleşýändigini bilmän, magdalaly Merýem ýuwaşja jogap berip diýdi:

— Eý, aga, Ony mazardan sen äkiden bolsaň, nirede goýanyňy maňa aýt, men Ony alyp gideýin (Ýohanna 20:15-e seret).

Şonda, täsin mähirlik pursaty gurşady, Isa onuň adyny tutup ýüzlenip:

— Merýem! — diýdi.

— Mugallym! — diýip, ol birden Isany tanap aýtdy (Ýohanna 20:16-a seret).

Isa diri, bitin we zeper ýetmedik ýagdaýynda Merýemiň alnynda durdy, sebäbi ölüm wada berlen Mesihi saklamaga güýçli däldi. Onuň etmeli işini ýerine ýetirmegi üçin, kesel we ölüp barýan dünýä baky durmuşy getirmegi üçin Hudaý Ony ölülerden direltdi.

## Biziň ölülerden direlmä bolan imanymyz

Haçanda Mesih haçda bolanynda, edil hemme zat ýiten ýalydy. Ölüm ýeňiş gazanypdy. Emma baý adamyň mazarynda üç gün bolanyndan soň Isa ýene-de diri ýagdaýynda peýda boldy. Bu baradaky habar Onuň şägirtlerini şeýle bir geň galdyrdy welin, tä Isanyň Özüni fiziki taýdan aýan edip, ellerindäki we aýaklaryndaky çüýleriň yzlaryny öz gözleri bilen görmeklerini teklip edýänçä, olar Oňa ynanmaklaryny inkär etdiler. Onsoň Isa Öz şägirt-

lerine täsin sözler bilen ýüzlendi: gelejekde olarda hem edil Özüniňki ýaly täze ten bolar we ol ten hiç haçan kesele, garramaklyga we çüýremeklige eýe bolmaz. Olarda bu ýerdäki ýaşaýşa many berýän beýik umyt peýda bolar. Olar söýýän Hudaýyň ýanynda ölümden we kynçylyklardan mahrum bolan täze durmuşa eýe bolarlar.

Ynamdan gaçan bu dünýä mesihiligiň teklip edýän beýik umydy, ine, şeýle — ölülerden soň direlmeklik, agyrylardan we ejirlerden azat bolan, çäksiz şatlykdan doly bolan Hudaýdaky ýaşaýyş. Köp sanly tankytçylaryň näçe tassyklaýandyklaryna garamazdan, ölümden direlişe bolan iman bize «hiç hili iş ýüzündäki peýdany» getirmeýär diýip aýdyp bolmaz. Aslynda bu iman bize gelejege bolan umydy berýär we göni manyda biziň adamlara we döreýşe bolan gatnaşygymyza şu ýerde we häzir täsir edýär. Baky durmuşa bolan bu iman — bu umytsyz dünýädäki ýaşaýşymyzy nädip hem bolsa bir ýagdaý bilen hiç bolmanda azajyk owadanlaşdyrmak üçin oýlanyp tapylan «howaýy köşk» däl; bu degerli

subutnamalara esaslanan ynam. Biz bu inkär edilip bilinmeýän subutnamalara şu kitapçamyzda seredip geçeris.

## Ölülerden direlmekligiň ilkinji orundaky wajyplygy

Ölülerden direlmekligiň taryhy fakty — bu mesihi ynamynyň esasydyr. Bu nähilidir bir hökmany däl taglymat bolman, eýsem bu *imanyň* hut özüdir! Isa Mesihiň ölülerden direlmekligi bilen mesihilik biri-biri bilen aýry bolup bilmez. Olaryň biri beýlekisiz hakykat bolup bilýän däldir. Mesihiligiň hakykylygyna ynam — bu ýöne bir biziň ýa-da başga kimdir biriniň imanyna ynanmaklyk däl, eýsem ölülerden direlen hakyky bar bolan Mesihe ynamdyr. Isanyň taryhy ölülerden direlişi bolmadyk ýagdaýynda, mesihi imany ýöne bir hyýaly zada ynanmaklykdan başga zat bolmazdy. Göni manydaky, fiziki taýdan ölülerden direlmeklik bolmanynda, biz Hudaý, ýygnak we ahlak düzgünlerine eýermeklik hakynda ýatdan çykaryp hem bileris. Biz

şol üstünlik bilen özümize şeýle diýip bileris: «Geliň, iýeliň, içeliň, ertir biz öleris» (1 Korintoslylara hat 15:32).

Beýleki tarapdan, eger Isa ölülerden direlen bolsa, onda Ol hut şu pursatda hem diri (1 Korintoslylara hat 15:4-e seret) we biz Ony şahsy taýda tanap bileris. Biziň günälerimiz bagyşlanan (1 Korintoslylara hat 15:3-e seret), «ýeňiş ölümi ýuwutdy» (1 Korintoslylara hat 15:54). Galyberse-de, Ol biziň hem bir wagt ölülerden direljekdigimize wada berýär (1 Korintoslylara hat 15:22). Biz Oňa bil baglap bileris, çünki Hudaý «ähli zady Mesihiň aýak astynda goýdy» (1 Korintoslylara hat 15:27). Isa bize jemleýji ýeňşi (1 Korintoslylara hat 15:57-ä seret) we manydan doly bolan durmuşy (1 Korintoslylara hat 15:58-e seret) berer.

Näme üçin ölülerden direlmekligiň ýygnagyň durmuşynda merkezi orny eýeleýändigini britan alymy N.T. Raýt şeýle düşündirýär:

> Oýlap tapyjy alymlaryň käbirleriniň pikirleri diýmeseň, Isanyň haçdaky masgaralaýjy

> ölüme duçar bolup, Ony Hudaýyň ýene-de ölülerden direldendigini tassyklamaýan irki mesihiligiň ýekeje-de görnüşi bize mälim däl. Eýýäm resul Pawlusyň döwürlerinde, ýagny biziň iň irki çeşmelerimizde Isanyň ölülerden direlendigi ýöne bir aýratyn, gaýry duran bir iman nyşany däl. Ol mesihi durmuşynyň we pikiriniň düzümine aralaşandyr [3].

Isanyň ölülerden direlendigi — bu ýöne bir taryhy faktdan uly bolýan hem bolsa, muňa garamazdan ol hut şeýle fakt bolup durýandyr. Gürrüňimiziň yzynda biz bu wakanyň hakykatdan hem bolup geçendigininiň ynandyryjy we jedelsiz subutnamalarynyň bardygyny görkezeris.

## Ölülerden direlişiň şahsy manysy

### *Ölüm gorkusyndan azatlyk*

Ölümden gorkmaklyk — adamlar üçin adaty zatdyr. Munuň nämedigini, ýagny bar bolmagyňy bes etmeklik — bu ýöne bir kyn däl, eýsem gorkulydyr.

Eger oýlanyp görsek, näme üçin biz ölümden gorkýarys? Alty sany sebäbi teklip etmäge rugsat beriň[4]:

1. Ölüm syrly we aň ýetirip bolýan zat däl.
2. Biz ýüzbe-ýüz ölüm bilen duşmaly bolarys.
3. Biz öz söýgülilerimizi taşlamaly bolarys.
4. Biziň şahsy umytlarymyz we arzuwlarymyz amala aşman galar.
5. Belki-de, biz yzsyz ýitirim bolarys.
6. Ölüm gaçabatalgasyzdyr.

Mukaddes Kitap bize ölümiň duýgulary meselesindäki kynçylyklardan doly azat bolmagy wada bermeýän hem bolar, ol bize ölümiň adamy doň edýän gorkusyndan ýeňiş gazanyp boljakdygy hakynda gürrüň berýär. Ölülerden direlmeklik baradaky Mukaddes Kitap düşünjesi bizi özümiziň bu dünýädäki soňky ädimimiziň eltýän ölüm gorkusyndan azat edýär.

Öz kynçylyklarymyzyň, lapykeçliklerimiziň we howsalalarymyzyň neneň süňküňi iýiji we boş ediji bolýandygyna garamazdan, ölülerden direliş bize bularyň barynyň geçip gidýän zatdygy baradaky düşünjäni berýär. Siziň bilen näme bolandygyna, agyrylaryňyzyň we betbagtçylyklaryňyzyň neneň güýçli we çuňňur bolandygyna, özüňizi we öz ýakynlaryňyzy ölümiň neneň yzarlandygyna garamazdan, ölülerden direliş bize çäksiz gowy gelejegi wada berýär.

### *Biziň umytlarymyzyň we arzuwlarymyzyň ýerine ýetmegi*

Şu aşakdakyny ýazmak bilen, toslama baý ýazyjy Aýsek Azimow kopleriň ölümden soňky durmuş babatdaky pikirini beýan edýär: «Men ölümden soň ýaşaýsyň bardygyna ynanmaýaryn, şol sebäpli hem men bütin ömrümi dowzahdan, ýogsa-da, jennetden hem gorkmaklyga sarp etmeli bolmaýaryn. Dowzah odunyň neneň erbetdigine garamazdan, meniň pikirimçe, jennetdäki iç gysmalyk ondan-da beter bolsa gerek»[5].

Neneň gaýgyly bolýan hem bolsa, ölümden soňky durmuşa bolan hut şeýle düşünje hatda mesihileriň arasynda hem giňden ýaýran. Biziň gökler baradaky düşünjämiz köplenç iç gysmalyk, uzaga çeken we manysyz ýygnak hyzmaty bilen çäklenendir. Şeýle-de, köpler gülkünç suratlara seredip we degişmeleri eşidip, gökleri edil biziň bulutlaryň arasynda uzyn ak geýimli ýagdaýda elimize saz gurallaryny alyp, eýläk-beýläk enteşip ýörilýän ýerimiz kimin göz öňüne getirýärler. Şeýle bolupdyr welin, ýagny biziň gökler baradaky düşünjämiz tanar ýaly bolmadyk ýagdaýda ýoýulyp, nähilidir bir oýlanyp tapylan sahna öwrülipdir we olümden soňky durmuş baradaky öňe gidişlik mundan beýläk biziň aňymyzy eýelemäge ýa-da durmuşymyzy özgertmeklige ukyply däl.

Men (Şon) ýaňy-ýakynda öz talyplaryma şeýle sorag berdim: eger ölüp, göklere gitmekleri üçin bary-ýogy üç güni galan bolsa, onda olar näme ederdiler? Jogaplaryň arasynda paraşutly bökmeklik, syýahat etmelik, tolkunlaryň üstünde ýüzmek we (elbetde) jyns

gatnaşygyny etmeklik ýalylar bardy. Birinjiniň yzysüre men ikinji ýönekeý soragy hem berdim: «Diýmek, siziň pikiriňizçe, bu durmuşda ölmeziňden ozal hökmany ýagdaýda başdan geçirip görmeli hezillikler bar, çünki olary soň hiç haçan başdan geçirip bilmersiň, sebäbi olar göklerde bolmaz, şeýlemi?» Iki talypdan başga hemmesi «hawa» diýip jogap berdiler. Ölümden soňky gelejek olary gaýgylandyrdy we lapykeç etdi.

Baky ýaşaýşa bolan şeýle nädogry düşünje adamlary lapykeç edip, günä eltýär. Eger nähilidir bir hezillikleri başdan geçirmeseler, onda özlerinde muny amala aşyrmak üçin hiç haçan hem mümkinçilikleri bolmaz we hiç haçan hem onuň nämedigini bilip bilmezler diýen düşünje köplerde berk kök uran. Olar şu düşünjäni kabul edýärler, çünki olaryň aňlarynda hakykatda gökleriň nämä meňzeýändigi baradaky ýalňyş düşünje ornaşan.

Bize täze gök bilen täze ýeri ruhy taýdan düşündirip, olary fiziki tebigatdan gaty daş zat ýaly görkezip geldiler. Köplenç adamlar bir zady ruhy taýdan diýip aýdanlarynda, olar

munuň fiziki tebigatynyň ýokdugyny göz öňüne getirýärler. Bu giňden ýaýran ýalan düşünjäniň sebäbi boldy we Hudaýyň fiziki taýdan ýaradanlary gökleri goşmaklyk bilen hakyky ruhy zatlardan yza galýar diýen göz öňüne getirmä alyp bardy. Şeýle-de, köpler biz göklerde ruhy zada öwrüleris, ýagny biziň hiç hili material, fiziki tenimiz bolmaz diýip ynanýarlar. Bu garaýyş Mukaddes Kitabyň göz öňünde tutmaýan fiziki we ruhy bölünişige alyp barýar we köpleriň diňe ruhy zatlar gowy, fiziki zatlar bolsa diňe wagtlaýyn, biz gereklik we hatda käbir manyda erbetlik diýip hasaplamaklaryna alyp bardy.

Bu garaýşyň gaty çynlakaý ýetmezçilikleri bar. Şeýle pikire eýerýän adamlar Hudaýyň her bir fiziki taýdan ýaradan zatlarynyň soňunda «gowy» diýip yglan edendigini ýatlaryndan çykarýarlar. Atomlardan, molekulalardan, kletkalardan we toprakdan ýaradanlarynyň baryna Hudaý «gowy» diýdi. Täze gök bilen täze ýer diňe ruhy (ýagny fiziki däl) bolup bilýän däldir, çünki biziň fiziki tenlerimiz ölülerden direler. Fiziki däl ýag-

daýda ölülerden direlmeklik — bu edil reňksiz älemgoşar kimindir. Biri beýlekisine garşy gelýär! Resul Pawlus biziň ölülerden direljekdigimizi beýan edeninde, ol şeýle diýýär:

> Bu iň soňky surnaý çalnanda göz-açyp ýumasy salymda, bir pursatda amala aşar. Surnaý çalnar, merhumlar çüýremezek halda dirելdiler, biz hem özgerdileris. Çünki çüýreýän beden çüýremezlik donuna, ölýän ten ölmezlik donuna beslenmelidir. Şunlukda, çüýreýän ten çüýremezlige, ölýän ten ölmezlige beslenende, «Ýeňiş ölümi ýuwutdy» diýlen sözler berjaý bolar.
>
> *1 Korintoslylara hat 15:52–54*

Resul Pawlus biz tensiz ruhlar bolarys diýmeýär. Aslynda ol tersine diýýär. Biz tene eýe bolarys — häzirkimiz ýaly tene eýe bolarys, emma ol ten ölüme duçar bolmaýan tendir. Ol ten keseliň, ýaşyň we ölümiň weýran edýän güýjüne duçar bolmaz we ol ten hiç haçan hem ölmez. Ol teniň hem bir agzasy gaty kämil bolar, täsin we güýçli bolar, elmydama sagdyn we garramaýan we ölüme duçar bolmaýan bolar.

Biziň häzirki ýaşaýan dünýämiz Hudaýyň bize täze gök bilen täze ýeri bereninde görjek şatlygymyzyň we hezilliklerimiziň ujypsyzja meňzeşligini görmäge mümkinçilik berýär. (Aýanlyk 21-e seret). «Gökler» atly kitabynda Rendi Alkorn muny şeýle düşündirýär: «Biz bütin ömür täze ýer hakda arzuw edip geldik. Her gezek biz suwda, şemalda, gülde, sugunda, erkekde, aýalda ýa-da çagada gözelligi görenimizde, biz gökleriň meňzeşligini görýäris. Erem bagyndaky ýaly täze ýer duýgy hezilliginiň, ruhuň gözelliginiň, kämil şahsy gatnaşyklaryň we adam şatlygynyň ýeri bolar»[6]. Biz näme bilen meşgullanjagymyzy bilmän, mukaddesleriň arasynda ýa-da tükeniksiz bulutlaryň içinde ýaşamarys. Biz edil häzirkisi ýaly ýerde, täze ýerde ýaşarys, emma ol ýer tupanlardan, ýer titremelerden, gurakçylykdan we suw basmalardan ýa-da beýleki tebigy hadysalardan azat bolan ýerdir. Hemme zat ýeňillik we sadalyk bilen öser, haşal otlar we tikenler asla bolmaz. Haýwanlar bize zeper ýetirmez, tersine, edil öz hojaýynlaryna we serdarlaryna seredişleri ýaly bize serederler.

Goý, ol täze ýerdäki hemme jikme-jikleri biz häzir göz öňüne getirip bilmäliň, emma bir zatda biz berk ynamly bolup bileris: Hudaý biziň üçin şatlyk ýaratdy. Ol şol ýeri biziň şatlygymyz we hezilligimiz üçin ýaratdy. Ähli hezillikleriň häzir adamzat pitnesi bilen ýoýulan hem bolsa, Onuň niýeti şeýle welin, ýekeje-de şatlyk ýitmeli däl. Ýaradylan ähli zatlar dikeldiler. Bize bolan çuňňur söýgüsi mynasybetli Ol Özüniň ozal başda niýet edinen hezillikleriniň ählisini biziň başdan geçirmegimizi isleýändir.

# 2-nji bap

## ÖLÜLERDEN DİRELMEKLİGİŇ HAKYKATDAN HEM BOLANDYGYNA BİZ DOLY GÖZ ÝETİRİP BİLERİSMİ?

*Bu hakykatmy?*
*Muňa ynanyp bolarmy?*

Isanyň ölülerden direlişi ýa boldy, ýa-da bolmady. Bu ýüz görmeýän hakykat we şonuň üçinem ol bir adam üçin hakykat bolup, beýlekisi üçin ýalan bolup bilýän däldir.

Bu bize nireden mälim? Men (Şon) bir gezek öz talyplarym bilen şu aşakdaky tejribäni geçirdim. Men olaryň öňlerinde içi

oýnalýan şarikli çüýşe bankany goýdum we olardan soradym: «Bankanyň içinde näçe sany şarik bar?» Olar çak bilen jogap berdiler, her haýsy her zat diýdi: 221, 168 we şuňa meňzeş. Şondan soň men olara dogry sany, ýagny 188 diýip, olardan soradym: «Haýsyňyz dogry jogaba has ýakyn aýtdyňyz?» Şonda olar 168 sanyň bankadaky şarikleriň sanyna has ýakyndygyny çözüp, şarikleriň sanynyň her hili şahsy talaplara bagly bolmadyk hakyky faktdygy bilen ylalaşdylar.

Soň men her dürli görnüşli kökeli gutyny çykardym, her bir talyba birini berip, olardan: «Kökeleriň haýsysy has süýji?» diýip soradym. Garaşylyşy ýaly, bu soragyň manysyzdygyny olar maňa aýtdylar, çünki nämäniň süýji we nämäniň süýji däldigi barada her kimiň özüniň saýlawy bar. «Gaty dogry aýdýarsyňyz, — diýip, men sözümi jemledim, — süýjülik bir ýa-da beýleki adamyň talaplary boýunça kesgitlenilýändir. Bu sorag hakyky  fakt däl-de, hususy şahsy pikiriň ýa-da şahsy talabyň soragydyr.

Onsoň men soradym: «Dini tassyklamalary bankadaky şarikleriň sany kimin hakyky fakt hasaplap bolarmy ýa-da kökeler kimin kimdir biriniň şahsy pikiriniň ýa-da talabynyň soragymy?» Talyplaryň aglabasy dini tassyklamalaryň tagam talaplary toparyna degişli bolaýmagy mümkindigi ýaly pikir bilen ylalaşdylar. Mundan ugur alyp, biz hakyky mesihi tassyklamalaryny ara alyp maslahatlaşmaga girişdik. Men mesihiligiň hakyky taryhy fakta, ýagny Isanyň ölülerden direlmekligine esaslanýandygyny görkezdim. Muňa garamazdan, men talyplara ýatladym, şeýle diýdim, ýagny Isanyň ölülerden direlendigi baradaky taryhy inkär edip bilýärler, bu tassyklama «seniň üçin hakykat, emma meniň üçin ýalan» bolup bilýän tassyklama däldir.

Mazar üçülenji güni ýa boşdy, ýa-da boş däldi — üçünjisi ýok. Kimdir biriniň Isanyň ölülerden direlmekliginiň aňyňy üýtgedýän güýjüne düşünenine çenli, ol şahsy talap bilen däl-de, hakyky fakt bilen iş salyşýandygyna düşünmelidir.

Isa ölümden direldimi ýa-da ýok diýen soraga dogry jogap tapmaklyga ünsli çemeleşmeklik gerekdir. Tankydy taýdan pikir edýän taryhçy şaýatlaryň şaýatlyklarynyň dogrudygyny barlar, Isanyň haçda çüýlenmeklik arkaly ölüminiň faktdygyna göz ýetirer, jaýlama däpleriniň materiallaryny öwrener we Isanyň mazarynyň boşdygy, şeýle-de Ony üçülenji gün diri görendikleri baradaky habarlaryň dogrudygyny barlar. Ondan soň wakalary düşündirmegiň saýlaw mümkinçilikleriniň ähliisine göz gezdirmeklik dogry bolardy. Gaty gyzykly, şeýle dälmi? Onda gürrüňimizi dowam edeliň, çünki galan wagtymyz hut şunuň bilen meşgullanarys.

## Täsinlikler baradaky gürrüňler faktyň dogrudygyny şübhe astynda goýýarmy?

Ilki bilen, ölülerden direlmekligiň subutnamalaryny açyk öwrenmezimizden ozal biz täsinlikleriň mümkinçiligine seredip geçmelidiris. Eger kesgitleme boýunça täsinlikler

mümkin däl bolsa, onda ölülerden direlmeklik bolup bilmezdi we bolup geçen wakalaryň düşündirişi bolup hyzmat etjek nähilidir bir tebigy sebäpleri öwrenmeli bolardyk. Emma biz täsinlikler mümkin diýip netijä gelsek, onda biz aşakdaky subutnamalar üçin açyk bolup bileris.

Biziň barlagymyzyň dowamynda Täze Ähti barlaýjy doktor Kreýg Blomberginiň görkezen iki sany wajyp düşünjelerine syn etmelidiris:

> Täsinlikler barada gürrüňleriň dogry ýa-da ýoklugy meselesine degip geçenimizde, hatda iň gyzgyn ynanýan adamyň hem şübheçil adam bilen paýlaşmaly bolýan käbir düşbülik duýgysy bardyr. Galyberse-de, hatda täsinlikler mümkin diýip ylalaşan adam hem şonda-da nähilidir bir adatdan daşary ýagdaýlar baradaky geň taryhlara ynanmaga howlukmaýandyr[1].

Beýleki sözler bilen aýdanymyzda, haçanda biz adatça özümiz üçin tebigatyň kanunlarynyň täsirine garşy bolan nähilidir bir waka hakynda eşidenimizde, biz ony ynamsyzlyk bilen kabul edýändiris we bu tebigy

zatdyr. Şonuň üçinem biz eşiden zadymyzy tebigatyň hereketi bilen deňeşdirip görýändiris. Çünki hiç kimiň hem samsyk bolup galasy gelýän däldir. Tebigatda hemme zadyň öňünden goýlan düzgünlere laýyklykda bolup geçýändigi bize mälimdir.

Emma şol bir wagtyň özünde biz özümiz üçin adaty bolup galan çäklere dogry gelmeýändigi sebäpli täsinlikleriň bolup bilýändigini inkär etmeli däldiris. Faktlaryň jikme-jik öwrenilmezinden *ozal* barlagyň netijesiniň nähili bolýandygyny çözmeklik ylmy taýdan bolmaz. Mysal hökmünde aşakdaky taryha seredip geçeliň. XVIII asyryň ahyrynda günbatar dünýä ilkinji gezek ördekburun atly haýwan bilen tanyş boldy. Awstraliýanyň bu endemiki ýaşaýjysy towşan göwrüminde, bütinleý tüýli we barmaklary perdeli. Ýöne ol ýumurtga guzlaýar, ýagny süýreniji ýaly köpelýär! Haçanda ördekburunyň derisini ilkinji gezek Ýewropa getirenlerinde, bu täzelik hemmeleri aňk-taňk etdi. Bu näme — süýdemdirijimi ýa-da süýreniji? Hemmeler üçin göz edilip goýlan derä we ördekburuny

öz gözleri bilen görenleriň gürrüňlerine seretmezden, bu haýwan gaty geň zat ýalydy we ençeme londonlylar bu taryha edil ýalan zat ýaly garadylar.

Diňe göwreli ördekburunyň atyp öldürilip, hemmeleriň öz gözleri bilen görüp bilmekleri üçin Londona iberileninden soň ördekburun baradaky gürrüňleriň dogrudygyna käbirleri ynanyp başladylar. Emma bu wagta çenli beýik alymlar ördekburunyň bardygyny boýun almakdan gaça durdular, beýlekiler bolsa bu haýwanyň fiziologiýasynyň täsindigi baradaky tassyklamany şübhe astynda goýdular. Mesihi apologeti Ross Kliffordyň sözleri boýunça, kynçylyk şundan ybaratdy, ýagny «bu fakt biziň dünýämiziň nähili ýaşaýandygy baradaky käbir adamlaryň göz öňüne getirmesine dogry gelmedi, şonuň üçinem olar ony ret etdiler we özleriniň otrisatel çözgütlerini kabul etdiler, *ýöne subutnamalaryň ähli toplumy munuň tersi barada gürrüň berýärdi*»[2].

Ördekburun bilen bolan taryha adamlaryň jogap bermeleri köpleriň ölülerden di-

relmeklige bolan jogaplaryna gaty meňzeş. Adamlaryň aglabasy ölülerden direlmäniň subutnamalaryny ýöne kabul etmek islemeýärler, çünki beýle waka olaryň dünýäni kabul edişine laýyk gelmeýär. Şeýle jogap bermeklik zatlara hakyky seretmeklik ukybyny paş edýär we subutnamalary seljereniňde olara şübhe astynda seretmäge mejbur edýär.

Ähliteraplaýyn barlag geçirmän, täsinlikler mümkin däl ýa-da täsinlikler mümkin diýen netijä gelmezimizden ozal biz täsinlikler bolup biler ýa-da bolup bilmez diýýän ortalyk, ýagny orta ýagdaýy eýelemelidiris. Şonda biz subutnamalary hakyky öwrenip bileris we olaryň bizi nirä alyp barjakdygyny görüp bileris.

Kreýg Blomberg ylymyň kanunlarynyň esasly bolşy ýaly, täsinlikleriň hem bolup bilýändigini goraýanlaryň garaýyşlaryny düşündirýär:

> Fizikanyň bütin täsin ösüşine garamazdan, entek hiç kim şuny subut etmedi: eger ýehudylar bilen mesihileriň adaty düşünişleri

> boýunça Hudaý bar bolsa, onda näme üçin Ol wagtal-wagtal tebigatyň üýtgemez kanunlaryny saklap, olary bozup bilmez. Fizika ylymy birnäçe mundan ozalky nesle seredeniňde, şu wagt Hudaýyň bardygy mümkinçiligini boýun almaga köp derejede ýol berýändir[3].

Doktor Norman Geýsler muňa şeýle düşündiriş berýär:

> Täsinliklere bolan ynam ylmy usulyýetiň *bitewiligini* däl-de, eýsem diňe onuň *çäklendirilmedik hökümdarlygyny* dargadýandyr. Ynam aslynda şeýle diýýär, ýagny ylym her bir wakany tebigy hadysa hökmünde düşündirmäge ygtybarly däldir, emma diňe hemişeki, gaýtalanýan ýa-da bolup bilýän zatlary düşündirip bilýär[4].

Eger diňe Hudaý ýok diýip hasaplasak, onda täsinlikleriň mümkin däl bolup çykýandyr. Emma ateizmde muňa hiç hili degerli subutnamalarynyň bolmandygy sebäpli Hudaýyň diňe bir dünýäniň işlerine gönüden-göni gatnaşýandygyny boýun alman, eýsem Onuň eden işleriniň subutnamalaryna hem seredip geçmeklik gerekdir.

## Taryhyň tassyklamasy

Boş mazar, kepenler, mazaryň agzyny ýapyp duran ullakan daşyň aýrylmagy we Isanyň görünmegi — bu ýöne bir hyýaly zatlar ýa-da hakykat. Munuň yzysüre, şol ilkinji Pesahda iş ýüzünde näme bolup geçendigini kesgitlemek üçin taryhy barlag talap edilýändir.

Isanyň ölümi we Onuň ölülerden direlişi baradaky subutnamalara adalatlylyk bilen, köre-körsüzlik we hakyky seretmeklik gerekdir. Bu mesele babatda biziň özümiziň berk ornaşan pikirlerimiziň we netijelerimiziň bardygyna garamazdan, olaryň barlagyň gidişinde yz galdyrmaklaryna ýol bermeli däldiris. Goý, subutnamalaryň özleri özi barada gürrüň bersin. Taryhçy Ronald Saýder şeýle ýazýar: «Biz özümiziň gönüden-göni şaýady bolmadyk göz öňünde tutulýan her bir waka babatda ynanylyp bilinýän subutnamalary talap etmäge haklydyrys, emma biz çynlyk hakynda özümiziň çäkli tejribämiz boýunça karar kabul etmeli däldiris. Nasyraly Isanyň ölülerden direlendiginiň

peýdasyna biz şeýle ynanarly subutnamalara eýe diýip çak edýärin»[5].

Biziň şu ýerde anyklajak bolýan zadymyz — bu Mukaddes Ýazgylaryň aýanlykdygy däl-de, eýsem olaryň taryhy takyklygy we aýdyňlygydyr. Okyjynyň özi üçin Mukaddes Ýazgylaryň Hudaý tarapyndan ylhamlanandygyna ynanýandygyna garamazdan, Isanyň ölümini we Onuň ölülerden direlmegini taryhy waka hökmünde baglamak üçin bu netije hökmany däldir.

Isanyň ölülerden direlendigi edil taryhdaky islendik beýleki wakalar babatda ulanylýan talaplar boýunça baglanylmalydyr. Irki Ýygnagyň ynamy çyn dünýädäki hakyky bolup geçen wakalaryň şaýatlary bolan adamlaryň şaýatnamalaryna esaslanandyr. Mysal üçin, hoş habarçy Luka şeýle ýazýar:

> Ençeme adamlar aramyzda bolup geçen wakalaryň taryhyny ýazmaga girişdiler. Şol wakalary bize ilkibaşdan gözleri bilen gören şaýatlar we Hudaýyň Hoş Habarynyň hyzmatçylary ýetirdi. Şonuň üçin, eý, gadyrly Teofil, meniň özüm hem bolup geçen wakalaryň anygyna ýe-

> tip, saňa hemmesini jikme-jik ýazmagy ýüregime düwdüm. Indi sen özüňe öwredilen zatlaryň hakykatdygyna göz ýetirersiň.
>
> *Luka 1:1–4*

Luka hakyky taryhy faktlary beýan etmegi niýet edipdi.

## Şaýatlaryň gürrüňleri

Mesih baradaky täze äht şaýatnamalaryň ynamy ödeýändiginiň sebäpleriniň biri olaryň şaýatlar tarapdan ýa-da şaýatlaryň sözleri boýunça ýazylandygynda jemlenendir. Doktor Luis Gottsçok özüniň ilkinji çeşmäniň takyklygynyň barlagy baradaky işinde şeýle ýazýar: «Hakykaty aýtmaklygyň mümkunçiligi köplenç şaýadyň wakalara bolan ýakynlygyna baglydyr. Bu ýerde *ýakynlyk* hem geografik, hem-de yzygiderlilik manysynda düşünilýär»[6]. Täze Ähtiň awtorlary ýöne kimdir birinden eşidenlerini däl-de, eýsem özleriniň barlan, köp ýagdaýlarda bolsa öz gözleri bilen gören wakalary hakda gürrüň berýärler:

- Petrusyň ikinji hatynda (1:16) şeýle diýilýär: «Size Rebbimiz Isa Mesihiň gudrat bilen gelşi hakda habar berenimizde, biz toslama ertekilere eýermedik. Biz Onuň şan-şöhratyny *öz gözümiz bilen gördük*» (kursiw biziňki. — *J. we Ş. M.*).
- Ýohannanyň birinji haty (1:1) bize habar berýär «Biz size owal-başdan bar bolan Ýaşaýyş Sözi hakda habar berýäris. Gulagymyz bilen eşidip, elimiz bilen tutup, gözümiz bilen görenlerimizi yglan edýäris».
- Luka şeýle ýazýar: «Isa ejir çekip ölenden soň, ençeme ynandyryjy deliller arkaly resullara direlendigini aýan etdi. Ol kyrk günüň dowamynda olara görnüp, Hudaýyň Şalygy barada gürrüň berdi» (Resullaryň işleri 1:3).
- Resullaryň işleri (2:32) kitabynda resul Petrusyň şaýatlygy beýan edilen: «Hudaý Isany ölümden direltdi, *biziň hemmämiz muňa şaýatdyrys* » (kursiw biziňki. — *J. we Ş. M.*).

- Hoş habarçy Ýohanna şeýle diýýär: «Muny gören adam şaýat boldy, onuň şaýatlygy hakdyr. Ol siziň iman etmegiňiz üçin, özüniň dogry sözleýändigini bilýändir» (Ýohanna 19:35).

Özlerine haýbat atandyklaryna, urlup, türmä taşlanandyklaryna, hatda käbirleriniň öldürilendiklerine garamazdan, resullar ölülerden direlen Isa bolan imanlaryndan dänmän, öz şaýatlyklaryny dowam etdirdiler. Resullaryň işleri kitabynyň başdaky baplarynyň aýdyň beýan edişine görä, resullar yzarlanmalaryň içinde ölülerden direlen Isa bolan imanlaryny ykrar etdiler. Isanyň ölülerden direlendigine berk ynamly bolan resullar öz durmuşlaryny meýletinlik bilen howp astyna saldylar. Mysal üçin, Iýerusalimde hemmeleriň öňünde ölülerden direlme baradaky wagyzlary üçin dini ýolbaşçylar resullary tutup, türmä taşladylar. Muňa garamazdan, Petrus bilen Ýohanna şeýle jogap berdiler: «Hudaýyň sözlerine däl-de, siziňkä gulak asmak Hudaýyň nazarynda dogrumydyr? Özüňiz

netije çykaryň! Biz-ä görüp-eşidenlerimizi aýtman durup bilmeris» (Resullaryň işleri 4:19-20).

Resullaryň haýsydyr biriniň öz imanyny terk edendigi barada ýekeje-de şaýatlyk ýok. Olaryň käbirleriniň görgi görüp ölendikleri bize aýandyr[7]. Munuň ölülerden direlişi hakykatda subut etmeýändigine garamazdan, bu resullaryň muňa hakykatdan ynanandyklaryny görkezýär. Olar ýalançylar däldi[8].

### *Şaýatlyklardaky gapma-garşylyklar olaryň taryhy dogrulygyny şübhe astyna goýýarmy?*

Injildäki biziň tapýan Isanyň ölülerden direlendigini beýan edýän wakalaryň dogrulygyna garşy bolan giňden ýaýran garşylyk — bu ol wakalaryň biri-birine gapma-garşydyklarydyr we şonuň üçinem olar ynanarly taryhy şaýatlyklar däldir. Mysal üçin, dört Hoş Habarlar Isanyň ölülerden direleniniň ilkinji şaýatynyň Merýem bolandygyny aýdýarlar, emma şol bir wagtyň özünde Korintoslylara ýazylan birinji hatda (15:5)

ilkinji şaýadyň Petrus bolandygy aýdylýar. Isanyň jesedine mür çalmak üçin mazara baran aýallar hakda hoş habarçy Mark şeýle diýýär: «Mazara girenlerinde bolsa, sag tarapda ak lybas geýnen bir ýaş ýigidiň oturandygyny görüp geňirgenişdiler» (Mark 16:5). Hoş habarçy Matta bolsa perişde hakda şeýle ýazýar: «...eginbaşy gar ýaly akdy» (Matta 28:3), hoş habarçy Lukanyň hoş habarynda bolsa şeýle okaýarys: «...garşylarynda lowurdaýan lybasda iki sany adam birdenkä peýda boldy» (Luka 24:4). Ýogsa bu beýan etmeler özleriniň ynamlydyklaryny şübhe astyna salyp, hiç bir umytsyz biri-birine gapma-garşymyka?

Ýok. Tassyklamalar tapawutly bolup biler we şol bir wagtyň özünde biri-birine gapma-garşy däl. Bularyň her biriniň hakykylygyny inkär etmeýän bu tapawutlaryň düşündirişleri bolup biler. Munuň yzysüre, tassyklama çözüp bolmaýan ýagdaýda biri-birine garşy diýýänler subutnama tapmalydyrlar.

Dört Hoş Habarlarda hakykatdanam kyn ýerleriniň bardygyna garamazdan, bular ha-

kyky gapma-garşylyklar diýen karary kabul etmäge alymlar howlukmaly däldirler. Şu wagt köp alymlar Hoş Habarlaryň žanrynyň gadymy grek-rim durmuş beýan etmesidigi bilen ylalaşýarlar. Hut şu žanr hem adamlaryň gündelik gatnaşyklarynda görkezýän wakalary beýan etmeklikde hem ulanylypdyr. Luka, mysal üçin, «teleskopirlemek» atly usuly ulanýar we bu usulda dürli wakalary sadalaşdyrmak maksady bilen wagt gysgaldylýar. Öz işinde Luka Isanyň ölülerden direliş, Onuň adamlara görünmek we göklere alynmak ýaly ýagdaýlaryň wagtyny gysgaldýar welin, edil bu wakalaryň bary Pesah güni bolup geçýän ýaly duýgy galýar. Emma Ýohannanyň Hoş Habarynda bu wakalaryň bir günde bolup geçmändigi görkezilýär. Bu gapma-garşylykmy? Ýok. Lukanyň ulanýan «gysgaltmak» usuly grek-rim durmuş beýan etme žanrynda adaty stilistik usul bolan bolsa gerek. Şeýle tapawutlara gapma-garşylyk diýmeklik Injiliň dogrulygyny şübhe astyna goýmaklyk däl-de, eýsem žanryň kanunlaryny bilmezligi görkezmek bolup durýandyr.

Aradan çykan Täze Ähti barlag geçiriji Jon Uenem özüniň «Pesahyň syry» atly kitabynda Isanyň ölülerden direlmegi bilen bagly bolan wakalary sazlaşdyrmaklygy teklip edýär. Injiliň tekstlerini ünsli barlamaklygyň netijesinde ol şeýle karara gelýär:

> Injiliň awtorlarynyň dogruçyl we gowy maglumata eýe bolan adamlar bolandyklaryna mende şübhe ýokdy... emma ähli beýan etmeleriň her bir jikme-jiklerde takykdygy baradaky pikiriň tarapdary däldim. Dogrudanam, ölülerden direlmeklik baradaky taryhlary barlamagymyň irkibaşlarynda men bu gapma-garşylyklary çözüp bolmaýan ýaly bolup görünýän pikirdedim...
>
> Okap biljek zatlarymyň baryny okap çykyp we grek teksti üns bilen okap, men kelle döwmekligiň ençeme bölekleriniň bir ýere ýygnalýandygyny ýuwaş-ýuwaşdan aýan etdim. Ýüzleý barlap öwrenmeklik döwründe bu wakalar gapma-garşy ýaly bolup görünýärler, emma çuňňur öwreneniňde bolsa ähli bölekler ýuwaş-ýuwaşdan öz ornuna barýar[9].

Bar bolan gapma-garşylyklaryň bardygyna garamazdan, wakalary has çuňňur öw-

renmeklik olaryň gizlin umumylygyny görkezýär. Filosof Stiwen Dewis şeýle belleýär:

> Böleklerdäki gapma-garşylyk ýaly bolup görünýänlere seretmezden, dört hoş habarçy biziň esas bolup durýan faktlar diýip aýdyp bilýänlerimiz bilen ylalaşýarlar. Olaryň hemmesi şu tassyklamalarda birdirler, ýagny *hepdäniň birinji güni irden käbir aýallar mazara barýarlar, olaryň arasynda magdalaly Merýem hem bardy; olar şol mazaryň boşdugyny gördüler; perişdäni ýa-da perişdeleri gördüler; Isanyň diridigi olara aýdyldy ýa-da başga bir ýol bilen mälim edildi.* Bu agzalyp geçilenleriň her biri boýunça hoş habarçy Ýohanna bilen hiç bolmanda «sinoptikleriň»* biriniň arasynda täsin ylalaşyk bar: *aýallar özleriniň aýan edenlerini Petrusa ýa-da şägirtleriň birine habar berdiler, Petrus mazara ylgap baryp, onuň boşdugyny gördi, ölülerden direlen Isa aýallara göründi we Ol şägirtler üçin bu aýallara öwütündew berdi*[10].

---

* Yagny Injiliň birinji üç awtorlary bolan hoş habarçylar Mattany, Marky we Lukany sinoptiki diýip atlandyrýarlar (*sinoptikos* grek sözünden, göni manyda «bilelikde syn edýän»), sebäbi olar köp zatlarda bir-birlerini gaýtalaýarlar, ýöne Ýohannanyň hoş habary hakda beýle diýip bolmaýar, ol beýlekilerden hem mazmuny, hem-de stilistika tarapdan tapawutlanýar. — *Terjimeçiniň belligi.*

### *Şaýatlyklardaky açyk-aýdyň laýyk gelmezlikler olaryň dogrudygynyň subutnamasy bolup bilermi?*

Hukuk goraýjylar, filosoflar, taryhçylar, žurnalistler we beýleki barlagçylar bu açyk-aýdyň laýyk gelmezlikleriň Injiliň dogrulygyny pese düşürmän, gaýtam, iş ýüzünde ony tassyklaýandygyny aýan etdiler. N.T. Raýt Injiliň tekstlerindäki wakalaryň beýan edilmesindäki laýyk gelmezlikler we käbir «howlukmaçlyklar» bu tekstleriň gymmatyny diňe güýçlendirýär diýip belleýär. «Şaýadyň şaýatlyklary hut şeýle-de görünmeli we eşidilmeli» diýýär[11].

Doktor Pol Maýer «Ölülerden direlmeklik baradaky gürrüňleriň dürli-dürlüligi *olaryň hakykylygyny ýoýmagyň deregine, olary tassyklaýar*» diýen netijä gelýär. «Olar öz gözbaşlaryny kesgitli wakadan alýan birnäçe bitarap däpleriň bolandygy hakynda gürrüň berýärler»[12].

Eger biz şol ilkinji Pesahda näme bolup geçendigine düşünmek isleýän bolsak, onda düşündiriş bermek üçin şaýatlyklaryň käbirlerine seredip geçeliň.

# 3-nji bap

# ÖLÜLERDEN DİRELMEKLİGİŇ SUBUTNAMALARY

*Isa dogrudanam ölüp, jaýlanyp, soňundanam ölülerden direldimi?*

## Mesihiň haça çüýlenmegi we ölümi

Isanyň Özüniň ölülerden direljekdigi hakda öňden aýdanyny ýehudylar gaty gowy bilýärdiler. Isanyň ölüp, onsoň ölülerden direlendigini jar etmek üçin Onuň şägirtleriniň ellerinden gelenini etjekdiklerinden gorkup, ýehudylar Isanyň ölüp, öli ýagdaýynda hem

galýandygyna ynamly bolmaklary üçin ellerinden gelen ähli çäreleri gördüler. Bu çäreleriň birinjisi bolup haça çüýlenilip öldürilmeklik boldy. Isanyň jezasy rehimsiz, şübhesiz we hemmeleriň alnynda berilmelidi.

### *Haça çüýlenmekligiň rehimsizligi*

Haça çüýlenip öldürilmeklik Mesihiň döwürlerinde adaty jesa berliş usulydy. Siseron ony «görgüleriň iň rehimsiz we nejis usuly» we «gul üçin iň soňky we ahyrky»[1] diýip atlandyrdy. Bu jeza şeýle bir elhenç we kemsidijidi welin, rimliler ony adatça gorkuzmaklyk we pitneleriň öňüni almaklyk maksatlary bilen diňe gullar ýa-da pitneçiler babatda ulanýardylar. Bu jeza esasan syýasy mana eýe bolan ýagdaýlar üçin ulanylýardy.

«Agyry çydar ýaly däldi — diýip, lukmançylyk ylymlarynyň doktory Aleksandr Meretell aýdýar. — Aslynda bu hiç hili beýan etmelere laýyk gelmeýär; hut şu ýerden hem täze söz peýda boldy: *excruciating**. Göni manyda

---

* Excruciating (*iňlis sözi*) — görgüli, çydap bolmaýan; excruciare < cruciare latyn sözünden (çüýlemek) < crux (haç). — *Terjimeçiniň belligi.*

bu *haçdan [düşürilen]* manyny berýär. Ýöne pikir edip görüň: haça çüýlenmäniň görgüleriniň güýjüni beýan etmeklik üçin täze söz oýlap tapmaly boldy, çünki leksikologiýada beýle söz ýokdy»[2].

## *Gamçylamak däbi*

Haça çüýlenmek arkaly jeza berilmek hökümi kazyýet tarapdan yglan edileninden soň höküm edileni sütüne daňýardylar. Jenaýatkäriň geýimlerini çykaryp, ony rehimsiz gamçylama duçar ederdiler. Haça çüýlenmezinden ozal Isanyň rehimsiz gamçylanandygy hakda Injil habar berýär (Ýohanna 19:1-e; Matta 27:26-a; Mark 15:15-e seret).

Şeýle ýagdaýlar üçin ulanylýan gamçy ullakan tutawaçly bolup, oňa dürli uzynlykdaky deriden edilen kemerler berkidilendi. Bu kemerlere ýiti we dişli süňkler we gurşun daňyldy. «Amerikan lukmançylyk bileleşigi žurnalynyň» bir makalasynda şeýle diýilýär:

> Rim esgerleriniň bar güýçleri bilen jenaýatkäriň arkasyna gamçy bilen urmaklaryny do-

> wam etdirdikleriçe, demir şarjagazlar çuňňur ýarany döredýärdi, deriden edilen kemerler we goýun süňküniň bölekleri derä girýärdi. Onsoň gamçylamak dowam edýärkä, deriniň aşagyndaky skelet myşsalar üzülip, titreýän we gan akýan ten böleklerine öwrülýärdi[3].

Degerli lukmançylyk kömek bolmadyk ýagdaýynda şeýle ýaralar adamy birnäçe sagadyň içinde, iň köpi birnäçe günüň içinde jansyz galdyrýardy.

***Nädip haça çüýlenme ölüme getirýär?***

Haçda asylyp durup, çüýlenen adam üçin dem almaklyk gaty kyndy. Dem alyp, dem goýbermek üçin ol elleri we aýaklary bilen galmaly bolýardy we bu ýakyp barýan agyryny döredýärdi. Wagtyň geçmegi bilen bu synanyşyklar we gan ýitirme adamy şeýle bir güýçden düşürýärdi welin, ol mundan beýläk dem alyş hereketlerini ýerine ýetirip bilmän, dem almasyny bes edýärdi.

Eger rimliler haçdakynyň ölümini çaltlandyrjak bolsalar, onda haça çüýlenmegiň gutaryş usuly şeýledi: haçdaky adamyň mun-

dan beýläk hereket edip, dem alyp bilmezligi üçin taýak bilen onuň aýaklarynyň süňklerini döwýärdiler. Aýak süňkleriniň döwleninden soň ölüm gaçabatalgasyzdy. Isanyň gapdalyndaky iki garakçynyň aýaklarynyň süňklerini döwdiler, emma Mesihiň aýaklaryny döwmediler, çünki jellatlar Onuň bireýýäm ölüdigini gördüler.

### *Gan bilen suwuň akmagy*

Rim esgerleriniň Isanyň ölüdigine üns berenlerinden soň olaryň biri naýza bilen Onuň böwrüni dildi we «şobada ondan gan we suw çogduryldy» (Ýohanna 19:34). Iňlis awtory Maýkl Grin bolup geçenleriň manysyny şeýle düşündirýär:

> Şaýadyň sözlerinden biz Isanyň dilinen böwründen «gan we suw» çogdurylandygyny bilýäris (Ýohanna 19:34-35-e seret). Şaýatkär bu fakta aýratyn many berýär. Eger Isa diri bolsady, onda Onuň tenine naýza urlanynda ýüregiň her bir urgusy zerarly güýçli gan akmasy peýda bolardy. Tersine, syn ediji goýalan garamtyl reňkli gan lagtasynyň peýda bolanyny gördi.

> Esasy arteriýadaky ganyň şeýle dolanmak nyşany ölümiň amala aşandygy baradaky degerli lukmançylyk subutnamasy bolup durýandyr. Bu gaty geň galdyryjy, çünki hoş habarçy bu faktyň patologoanatom üçin nähili ähmiýete eýedigini göz öňüne-de getirip bilen bolmasa gerek. Naýzanyň urlanyndan soňky «gan we suw» — bu Isanyň bireýýäm ölüdigi baradaky inkär edilip bilinmeýän subutnamadyr[4].

Isanyň jesediniň arimatiýaly Ýusuba berilmezinden ozal Pilat Onuň ölendigine göz ýetirmekligi talap etdi. Ol jeza ýolbaşçylyk eden ýüzbaşynyň hakykatdan hem Isanyň ölendigini tassyklanyndan soň Ony haçdan aýyrmaklyga razylyk berdi.

Isa hakykatdan-da ölüdi. Taryhçylaryň aglabasy bu faktyň bolandygyny şübhe astynda goýmaýarlar. Doktor Geri Habermas mesihi däl çeşmelerde Isanyň ölümi babatda ençeme dogry maglumatlaryň bardygyny belläp geçýär. Muňa Korneliý Tasitiň işleri degişlidir (Isanyň doglanyndan 55-120-nji ýyllar). Ony köpler beýik gadymy rim taryhçysy hasaplaýarlar; ýehudy ýazyjysy we taryhçysy Iosif Fladiniň işleri (Isanyň

doglanyndan 37-97-nji ýyllar); şeýle-de ýehudy Talmudy (Isanyň doglanyndan 70-200-nji ýyllar). Geri Habermas bu mesihi däl golýazmalar hakda şeýle diýýär: «Isanyň ölümi bellenilip geçilýän on iki sany çeşme köp ýatlanylýar. Isanyň ölüminden soň takmynan 20 we 150-nji ýyllar bilen senelendirilýän bu dünýewi çeşmeler gadymy taryh öwreniş ölçegi boýunça ýeterlik derejede irki hasaplanylýar»[5].

Isanyň ölüme berlendigi baradaky fakt edil gadymy taryhda bellenilip geçilen beýleki islendik fakt ýaly şübhesizdir. Ölülerden direlmegi edil Isanyň öli bolman, ýogsa gaty rehimsiz jezadan aman galyp, Öz şägirtleriniň alnynda gana bulaşyp duran ýarym diri kimin peýda boldy diýip düşündirjek islendik teoriýany biz inkär etmelidiris.

## Mesihiň jaýlanylşy

Ençeme şübheçiller Isanyň ölülerden direldi diýen tassyklamada «gowşak bölekleri» tapmak maksady bilen Isanyň jaýlanmagy bilen

bagly bolan wakalary we ýagdaýlary ünsli öwrendiler. Diýmek, biziň üçin taryhy faktlara üns berip, olaryň haýsy ýagdaýda takyk we ynamy ödeýändigini barlamaklyk gaty wajyp. Biziň öň hem ýatlap geçişimiz ýaly, Isanyň ölüp, onsoň ölülerden direlendigi baradaky gepleriň ýaýramazlygynyň öňüni almak üçin hökümet ähli çäreleri gördi. Ilki bilen mazara degişli bolan faktlary barlalyň.

### *Gaýadaky mazar*

Isanyň jesediniň gaýada oýlup ýasalan mazarda goýlandygyny we onuň agzynyň ullakan daş bilen ýapylandygyny ähli dört Hoş Habar belläp geçýär. Hoş habarçylar Matta, Luka we Ýohanna bu mazaryň entek hiç kim jaýlanmadyk täze mazardygyny habar berýärler (Matta 27:60-a, Luka 23:53-e, Ýohanna 19:41-e seret). Hoş habarçy Matta bu mazaryň arimatiýaly Ýusuba degişli bolandygyny hem görkezýär.

Gazyp agtaryş işlerini geçirýänler Isanyň döwründe ulanylan gaýadaky mazarlaryň üç görnüşini aýan etdiler. Olaryň bary şeýle ýag-

daýda ýapylýan eken: girelge tarapdan olar disk görnüşindäki we ortaça iki tonna agramyndaky ullakan daş bilen ýapylýan eken. Her bir mazar daş tarapdan gaýada oýlup ýasalan ternawa eýe eken we ol daşy aýyrmak üçin çukur bolup hyzmat edýär eken. Bu çukur göni girelgäniň alnynda çuň eken we burç astynda ýokary gidýän eken. Disk görnüşindäki daş çukuryň iň ýokarky böleginde ýerleşdirilip, onuň aşagyna aşak gaçmazlygy üçin blok goýulýan eken. Şol blok aýrylanynda, daş aňsatlyk bilen aşak gaçyp, mazaryň agzyny ýapýan eken.

Eger Isanyň jesedi şeýle mazarda goýlan bolsa, onda ony açyp, jesedi ogurlamak üçin gaty uly güýç gerek bolardy.

Injildäki Isanyň jaýlanyş ýagdaýlaryna şübhe döretmezligimiz üçin bizde birnäçe degerli sebäpler bar. Birinjiden, resul Pawlus özüniň Korintoslylara ýazan birinji hatynda (15:3-5) jaýlanma taryhyny tassyklaýar. Resul Pawlusyň Mesihiň ölüminden soň üç ýyldan sekiz ýyl aralygyndaky wagta degişli bolan materiallary ulanandygy hakynda jedelsiz

şaýatnamalar bar. Şeýlelik bilen, jaýlanma taryhynyň Isanyň ölümine şeýle bir ýakyndygyny yzarlap bolýar welin, şol döwürde rowaýatlaryň peýda bolmagy aslynda mümkin däl zat bolýar.

Ikinjiden, jaýlama taryhy nähilidir bir bezelip ýa-da oýlanyp tapylan ýagdaýda däl. Ol sada we düşnükli dilde beýan edilen.

Üçünjiden, bu beýan edilmä garşy bolan nähilidir bir başga beýannama asla ýok. Injilde beýan edilen jaýlama hakda berilýän gürrüňlere garşy çykýan hiç hili irki döwür resminamalar ýok.

Dördünjiden, Isanyň ölüme höküm eden kazyýetiň agzasy bolan arimatiýaly Ýusup atly taryhy şahsyýeti mesihileriň oýlap tapan bolmagy mümkin däl. Irki mesihilere Isanyň ölümine jogapkär bolan kazyýetiň agzasyny gahryman etmeklik nämä gerek bolsun? Eger resullar jaýlama taryhy toslap tapan bolsalar, onda oňa Ýusup ýaly adamy girizmezdiler. Hoş Habarlaryň dördüsinde-de Isanyň jaýlanmasynda arimatiýaly Ýusubyň ýatlanylmagy bu taryhy dogry ýaly edýär.

Täze Ähti barlaýjy Raýmond Braun şeýle netijä gelýär: «Isanyň jaýlanandygy taryhy taýdan şübhesiz. Jaýlama arimatiýaly Ýusup tarapyndan amala aşyrylandygy mümkin bolup biler»[6].

### *Ýehudy jaýlama däpleri*

Mesihiň jaýlanyşy ýehudylarda kabul edilen däplere laýyklykda amala aşyrylandygy hakynda Täze Äht göni aýdýar. Isa haçdan düşürilip, bir bölek mata bilen örtülipdi. Ýehudylar jesediň bütin gije haçda galmazlygy hakda berk alada edýärdiler.

Täze Äht bize Nikodimus bilen arimatiýaly Ýusubyň Mesihiň jesedini jaýlamaga taýýarlandyklaryny habar berýär (Ýohanna 19:38-42-ä seret). Ýehudy däbi boýunça jesedi mazardaky daş stolda ýerleşdirmelidi. Ilki bilen jesedi ýyly suw bilen ýuwmalydy.

Onsoň däbe laýyklykda, täze äht beýannamalarynyň tassyklaýşy ýaly, jesedi dürli ýakymly ysly zatlar arkaly jaýlamaklyga taýýarlamalydy. Biziň baha berşimize görä, Mesihiň jaýlanylmasynda şeýle ýakymly ysly

zatlaryň takmynan otuzdan kyrk bäş kilograma çenlisi ulanylypdyr. Bu şeýle meşhur şahsyýet üçin asla esaslandyrylan göwrümdi. Mysal üçin, meşhur ýehudy alymy we Isanyň döwürdeşi bolan Gilleliň agtygy Gamaliliň jesedini jaýlamak üçin kyrk kilograma golaý ulanylypdyr. Iosif Flawiniň aýtmagyna görä, Hirodes patyşa öleninde şeýle ýakymly ysly zatlary daşamak üçin bäş ýüz hyzmatkär gerek bolupdyr[7].

## *Zygyr matanyň ulanylmagy*

Jeset taýýar edileninden soň ony jaýlamak üçin niýetlenen ak zygyr mata oraýardylar. Bu matany aýallar taýýarlaýardylar. Ony taýýarlanlarynda hiç hili bagjagaz edilmeli däldi. Jesedi jaýlanlarynda azyndan üç geýim (mata) ulanylýardy.

Şol pursat ýakymly zatlar ulanylýardy, olaryň taýýarlanyşy şeýledi: aloe atly ýakymly ysly agajyň bölejikleri maýda edilip owradylýardy we smirna atly şepbeşik zat bilen garylýardy. Aýaklarynyň badanyndan başlap, jeset zygyr mata dolanýardy we şol bir wag-

tyň özünde şepbeşik smirna garylan ýakymly garyndy her gat arasyna çalynýardy. Jesedi jaýlamaga taýýarlan adam ellerini kepeniň üstüne goýup, goltuga çenli dolaýardy, onsoň boýna çenli. Matanyň aýratyn bölegi kellä dolanýardy. Ahyrky netijede şeýle jaýlama geýimleri (matalary) elli kilograma we hatda ondan hem köpräge ýetýärdi.

Munuň bilen baglylykda, Isanyň doglanyndan soň dördünji asyrda Ioann Zlatoust şeýle belläp geçýär: «jaýlama däbinde ulanylýan smirna jesede şeýle bir berk ýapyşýar welin, ýagny kepenleri aýyrmaklyk üçin gaty uly güýç talap edilýär»[8].

## Seresaplyk çäreleri

### *Rim garawullary*

Ýehudy ýaşulylary howsala düşüpdiler, çünki müňlerçe adamlar Mesihe ýüzlenýärdiler. Syýasy manyda kynçylyklardan gaça durmak üçin hem ýehudylar, hem-de rimliler üçin Isanyň jesedini ýok etmeklik oňaýlydy. Şonuň üçin haça çüýlenilmeden soň ruhany-

lar we fariseýler şeýle sözler bilen Pilatyň ýanyna geldiler:

> «Jenap, ol ýalançynyň entek dirikä: „Men üç günden soň direlerin“ diýeni biziň ýadymyzda. Şonuň üçin üç günläp mazaryň gorag astynda saklanmagyny buýur, şägirtleri gije gelip, jesedi ogurlap, halka bolsa: „Ol direldi“ diýäýmesinler. Bu soňky ýalan öňküden-de beter bolar» diýdiler. Pilat olara: «Ýanyňyza esgerler alyp, gidiňde, mazary öz bilşiňiz ýaly gorag astynda sakladyň» diýdi. Olar hem esgerler bilen gidip, mazaryň agzyndaky daşy möhürlediler-de, garawul goýup, mazary gorag astynda saklatdylar.
>
> *Matta 27:63–66*

Meşhur rim goşunlary Sezaryň özüniň ullakan imperiýasynda tertibi saklan guralydy. Rim imperiýasy özüniň güýji we dowamlygy üçin taryhda uly yz galdyran iň gowy türgenleşdirilen we taýýarlanan esgerler bolan «harby ulaglara» minnetdar bolmalydyr[9].

Rim goşunynyň tertipliligini belläp geçýän dogry çeşmeleriň ençemesinden mälim bolşy ýaly, rim garawullary — bu dörtden alty esgeriň giryän bölümidi. Her bir esgere

daş-töwereginde bir ýarym metr aralygy goramaklyk öwredilendi. Her tarapdan dörtden inedördüli ýasaýan on alty adam otuz metr aralygy bütin batalýondan goramaga ukyplydy.

Özüne belli bir araçägi goramaklyk tabşyrylan rim garawuly şeýle hereket edýärdi: dördüsi özleriniň goramaly bolan zatlarynyň alnynda durýardy. Galan on ikisi kellelerini iç tarapa ugrukdyryp, ýarym aýlaw bolup uklaýardylar. Bu garawullaryň goraýan zadyny ogrular ogurlamak üçin uklap ýatan esgerleriň üstlerinden geçmelidiler. Her dört sagatdan esgerler çalyşýardylar. Şeýdip, biri-birlerini çalşyp, esgerler bütin gije-gündiz garawullyk edýärdiler.

### *Rim möhüri*

«Olar hem esgerler bilen gidip, mazaryň agzyndaky daşy möhürlediler-de, garawul goýup, mazary gorag astynda saklatdylar» diýip, Matta ýazýar (Matta 27: 66). Bibleist A.T. Robertsonyň sözleri boýunça, bu daş mazary goramaklyk üçin goýlan rim garawulynyň

gatnaşmagynda möhürlenip bilnerdi[10]. Bu däbiň maksady mazaryň içindäkini kimdir biriniň ogurlamazlygy ýa-da çalyşmazlygy üçindi.

Garawulyň mazara syn edip, daşy öz ýerine goýanyndan soň gaýa ýüp bilen daňylýardy we ol ýüpüň her ujy şepbeşik palçyk bilen berkidilýärdi. Ahyrynda şepbeşik palçygyň her birine rim hökümdarynyň resmi möhüri goýulýardy.

Möhüriň rimiňki bolany üçin ol Mesihiň jesediniň Rim imperiýasynyň güýji we hökümi bilen goralýandygyny tassyklaýardy. Daşy ýerinden gozgamaga synanyşan her kes hökman möhüri döwerdi we munuň bilen öz üstüne rim kanunynyň gazabyny alardy.

## Hasaba alynmagy wajyp bolan ölülerden direlmekligiň faktlary

Mesihe we Onuň ölülerden direlmegine kimiň we nähili gatnaşyk edýändigine garamazdan, şol gün daňdan nämedir bir uly za-

dyň, ýagny on bir erkegiň durmuşyny doly özgerden, olara kowulmalardan we yzarlanmalardan, görgülerden we ýenjilmelerden baş alyp çykyp, hatda köp ýagdaýlarda ölüme gitmäge-de güýç beren şeýle bir täsin zadyň bolup geçendigini her kim boýun almalydyr. Bu «täsin zat» boş mazardy we Iýerusalimiň merkezinden on bäş minutlyk ýol onuň boşmy ýa-da däldigine göz ýetirmeklik üçin ýeterlik boldy!

Boş mazar we ölülerden direlen Isa Mesihiň göze görünmegi baradaky täzelik geň galdyrdy we şondan başlap taryhyň gidişini kesgitledi. Şol ýerde bir zadyň bolup geçendigi aýan. Nämedir bir beýik zat!

Eger-de siz Mesihiň ölümi we ölülerden direlmekligi bilen bagly bolan wakalary aňly-düşünjeli düşündirmek isleseňiz, onda logiki düşündirişe dogry gelmeýän kesgitli ýagdaýlar bilen iş salyşmaly bolarsyňyz. Ýehudylar bilen rimliler hemme zady şeýle gurnamaga synanyşdylar welin, Isanyň ölüp, Onuň mazarda galýandygyna hiç hili şübhe ýokdy. Ähli görlen çärelere, ýagny haça çüý-

lenmä, jaýlanma, mazaryň möhürlenmesine we garawullaryň goýulmagyna garamazdan, şol ýerde bolup geçen fakt Mesih ölülerden direlmedi diýip tassyklaýan tankytçylary has kyn ýagdaýa salýar.

Geliň, bu wakalara ýene bir gezek seredeliň we käbir netijeleri çykalaryň.

### *Fakt № 1: rim möhüri döwlen*

Şol Pesah daňy Rim imperiýasynyň güýjüni we hökümdarlygyny aňladýan möhür döwüldi. Hiç kim bu fakty inkär etmeýär. Bu wakanyň getirip biljek netijesi gaýgylydy. Eger bu iş üçin jogapkär bolan adam ýa-da adamlar tutulsady, onda olaryň ýagdaýy erbet bolardy. Bu möhüri döwmäge Mesihiň şägirtleri edermenlik edermidiler? Bolmasa gerek. Onuň ele salnanyndan soň şägirtler özleriniň dowla düşüp, gaty gorkandyklaryny görkezdiler. Petrus hatda Mesihi tanamaýandygyny aýtdy.

### *Fakt № 2: mazar boş*

Dynç gününiň açyk-aýdyň faktlarynyň biri — boş mazar. Mazaryň boşdugyny hiç kim we

hiç haçan inkär etmedi. Isa ölümden direleninden soň, birdenkä batyrgaý we çözgütli bolan şägirtleriň Onuň ölümden direlendigini wagyz etmek üçin Afina ýa-da Rime gitmändiklerini bellemek gaty wajyp; olar göni Iýerusalime gitdiler, şeýle hem, eger olaryň diýýänleriniň bary ýalan bolsady, onda olaryň sözlerini ýeňillik bilen ýalana çykaryp bolardy. Eger mazar boş bolmadyk bolsa, onda ölümden direlmekligi Iýerusalimde wagyz etmeklik asla mümkin bolmazdy. Pol Maýer muny şeýle düşündirýär:

> Birinji Pesahdan ýedi hepde geçeninden soň Iýerusalimde bolup geçen waka Isanyň jesediniň Ýusubyň mazaryndan bir zat edip ýitirim bolan mahalynda öz ornuna eýe bolup bilerdi. Bolmasa ruhanylar resullar bilen özleriniň jedellerinde arimatiýaly Ýusubyň mazaryna ýöriş gurnap, № 1 subutnamany hemmeleriň alnynda aýan edip, täze başlan hereketi köki bilen aýryp taşlardylar. Emma ruhanylar beýle etmediler, çünki mazaryň boşdugyny bilýärdiler. Olaryň muňa beren resmi ýöňkemeleri, ýagny şägirtleriň jesedi ogurlandyklary hakykatdan-da mazaryň boşdugyny boýun alýan faktdyr[11].

Kimdir biri boş mazar hakda taryhy fakt däl-de, eýsem rowaýatyň ösdürilmegi ýa-da apologetiki duzak diýip tassyklap, garşylyk görkezmäge synanyşýar. Emma mazaryň boşdugynyň iň ynandyryjy subutnamalarynyň biri boş mazary ilkinji bolup aýallaryň aýan edendikleri baradaky faktdyr. Palestinada birinji asyrlarda aýallar kazyýetde görkezme berip bilýän raýatlar ýa-da şaýatlar hökmünde pes durmuş taýdan ýagdaýa eýediler. Käbir aýratyn ýagdaýlardan başga aglaba ýagdaýda ýehudy kanuny muňa rugsat bermeýärdi. Näme üçin mesihiligi öňe sürmek islänler şägirtleri aljyraňňylyga salan rowaýaty oýlap tapdylar? Näme üçin haça çüýlenme wagty olar gaçyp gidip, aýallaryň boş mazaryň ilkinji şaýatlary bolmagyna getirdi? Muňa meňzeş rowaýat täze asyry öňe sürmek üçin maksadalaýyk bolup hyzmat etmegi mümkin däl. Näme üçin hut aýallaryň ilkinji şaýatlar hökmünde görkezilendigini aň-düşünjeli düşündirilişi bu zatlaryň hakykatdygyny bize aýdýar.

### *Fakt № 3: rim garawullarynyň özbaşdak gaça durmaklary*

Rim esgerleri özleriniň goramaly bolan ýerlerini taşlap gitdiler. Bu düşündirişleri talap edýän gaty geň fakt.

Rimlileriň harby guramaçylygyny jikmejik öwrenen doktor Jorj Kerri harby tertibiň käbir bozulmalary üçin ölüm jezasynyň berilýändigini habar berýär, mysal üçin, gulluk ýeriňi taşlap gitseň, ýaragyňy ýitirseň ýa-da zaýalasaň, meýilnamalary duşmana berseň, ýolbaşçyňy goramakdan boýun towlasaň we gije goraýan ýeriňi taşlap gitseň[12]. Iň soňkusyna gulluk ýeriňde uklanyňy hem goşup bolar (Matta 28:13-e seret). Eger esgerleriň haýsysynyň jenaýat edendigini anyklamak mümkin bolmasa, onda bütin garawul goşunyň günäsi üçin kimi ölüme bermelidigini kesgitlemek üçin bije atýan ekenler.

Höküm edilene jeza bermegiň usullarynyň biri şeýledi: onuň geýimlerini çykaryp, oda ýakyp, şol oda hem diriligine jeza berilýäni taşlaýan ekenler. Rim harby tertibiniň we howpsuzlygynyň taryhy eger garawullar

mazaryň boşdugyna göz ýetirmeseler, onda öz goraýan ýerlerini hiç haçan hem taşlap gitmejekdikleri faktynyň peýdasyna şaýatlyk edýändir. Ýolbaşçylarynyň we onuň yzysüre jezanyň alnyndaky gorky esgerleriň iň bir ujypsyzja zatlara-da gaty üns berendikleri hakda kepil geçýär.

Bir wagt Iýerusalimdäki «Bagly mazar»* atly arheologik kompleksine ýolbaşçylyk eden doktor Bill Uaýt ölülerden direlmekligi we ilkinji Pesahdan soňky bolup geçen wakalary giňişleýin öwrendi. Uaýt rim garawullaryny satyn alan ýehudy ruhanylary (Matta 28:11-14) babatda käbir tankydy bellikleri aýdýar:

> Eger-de mazara girip bolar ýaly daş ýöne bir gyra sürlüp goýlan bolsa, onda olar garawullaryň uklandyklarynda olary doly günäkärläp, olara berk jeza berilmegini talap ederdiler. Hatda eger esgerler ýer titreme bolup, möhür döwlüp, daş mazaryň agzyndan aýryldy diýip aklanmaga dursalar-da, olar gorkaklyk ýaly bahalandyrylyp bilinýän hereketleri üçin jeza berilmek-

* Iýerusalimdäki gadymy gowakdaky gonamçylyk; Isa Mesihiň bolup biljek jaýlanan ýeri hasaplanylýar. — *Terjimeçiniň belligi.*

lige duçar edilerdiler. Emma işiň ýagdaýlary şeýle mümkinçilikleri aradan aýyrýar. Ruhanylaryň garawullara garşy nähilidir bir ýöňkemeleri görkezmeklerine rugsat bermeýän anyk subutnamalar bardy. Ýehudy ruhanylary mazaryň ýanyna bardylar, üns bilen daşa seretdiler we onuň duran ýerine, şeýle-de garawullaryň onuň aýrylmagyna ýol bermändiklerine göz ýetirdiler. Hiç bir oýlap tapyjy aň bolup bilýän jogap bermäge ýa-da günäkäri tapmaga ukyply däldi, şonuň üçinem olar garawullary satyn alyp, bolan zat hakda seslerini çykarmazlyga yrmaga mejbur boldular[13].

## *Fakt № 4: jaýlama kepenleri öz taryhyny gürrüň berýär*

Şol dynç güni daňdan mazarda Mesihiň jesediniň ýok bolany bilen, mazaryň özi bütinleý boş däldi. Onuň içindäki täsin fenomeni göz öňüne getirýärdi. Mazara gelen aýallar daşyň aýrylandygyny görüp, şägirtleriň ýanyna dolanyp bardylar we bu hakda gürrüň berdiler.

Petrus bilen Ýohanna dessine ylgap gitdiler. Ýohanna Petrusyň yzyndan ýetdi-de, hatda ondan öň mazara geldi, emma içeri gir-

medi. Munuň deregine ol eglip, onuň içine seretdi we şeýle bir täsin ýagdaýy gördi welin, Mesihiň hakykatdanam ölülerden direlendigine ynandy.

Ol Mesihiň jesediniň goýlan ýerine seretdi. Emma onuň gözüne diňe jaýlama kepenleri göründi. Ondan başga hiç zat! Onuň gören zatlary bütin ömrüne ýadynda galdy.

Petrus bilen Ýohannanyň gözlerine görnen we olary geň galdyran ilkinji zat boş mazar däl-de, boş kependi. Munuň bilen baglylykda Maýkl Grin şeýle belleýär: «Olary täsin sandyramanyň eýeländigi we olaryň Onuň sözlerine ynanandyklary geň zat däl. Munuň ýaly täsin zady amala aşyrmak hiç bir mazarlary boşadýanlara başardýan däldir. Hatda bu onuň kellesine-de gelmezdi. Ol ýöne jesedi kepenleri bilen bile äkiderdi, bolany»[14].

### *Fakt № 5: Mesihiň göze görnendigi tassyklanyldy*

Şägirtleriň ölülerden direlen Mesihi görendiklerine iň azyndan *ynanandyklaryna* şübhelenýän alymlar biziň döwrümizde azdyr.

Mukaddes Kitaby barlaýan Redjinald Fuller batyrgaýlyk bilen tassyklaýar: «Haça çüýlenmeden bary-ýogy birnäçe hepdäniň içinde Isanyň şägirtleri munuň taryhyň jedelsiz faktlarynyň biri bolandygyna ynandylar»[15]. Şägirtleriň bu ynamda berkemekleri üçin näme sebäp bolup hyzmat etdi? Ýygnagyň dörän pursatyndan başlap, Isa Öz şägirtlerine şahsy taýdan göründi diýlip tassyklanylýar.

Haçanda nähilidir bir taryhy wakany öwreneniňde, bu waka bellenilip, hemmelere aýan edileninde oňa gatnaşan adamlaryň, gatnaşyjylaryň ýa-da şaýatlaryň ýeterlik derejesi şol pursat diridimi ýa-da ýok, ine, şuny anyklamak gaty wajypdyr. Şaýatlaryň köp sany ýazylan maglumatlaryň anyklygyny tassyklamaga kömek edýär.

Ölülerden direleninden soň Mesihiň görnendigi baradaky iň irki şaýatlyklary biri — bu resul Pawlusyň Korintoslylara ýazan birinji hatyndaky sözlerdir (15:3–8):

> Çünki men kabul edenimi örän wajyp habar hökmünde size-de gowşurdym. Bu habar, ine, şundan ybarat: Mukaddes Ýazgylara görä, Me-

> sih biziň günälerimiz üçin öldi. Ol jaýlanyp, Mukaddes Ýazgylara görä hem üçülenji gün diýlende direldi. Onsoň Isa Mesih Petrusa, soň Onkilere göründi. Mundan soň Ol şol bir wagtyň özünde bäş ýüzden-de gowrak dogana göründi. Bu doganlaryň käbiri eýýäm aradan çykdy, ýöne aglaba bölegi häzir hem diri. Soňra Ol Ýakuba göründi, soň resullaryň ählisine göründi. Iň soňunda bolsa maňa, ýagny şeýle derejä asla mynasyp bolmadyga göründi.

Alymlaryň aglabasy şu aýatlarda resul Pawlus Korintoslylara birinji hatdan (Isa Mesihiň doglanyndan 50-nji ýyllaryň ortalary) öň peýda bolan gadymy iman nyşanyny (ýada däbi) ýazdy diýip ylalaşýarlar. Iş ýüzünde iman nyşanyny öwrenen köp alymlar ony Isanyň haça çüýleneninden soň üçünji we sekizinji ýyllar aralygy bilen senelendirýärler. Resul Pawlus özüniň Isa ynananyndan üç ýyldan soň Petrus bilen Ýakuby görmek üçin Iýerusalime gideninde, bu iman nyşanyny aldy diýlip hasaplanylýar we bu waka Isanyň haça çüýleneninden birinji we dördünji ýyllaryň aralygynda bolup geçýär (Galatýalylar 1:18-19-a seret). Ine, näme üçin taryhçy Hans

fon Kampengauzen bu tekst «şeýle tekstlere talap edilip bilinýän taryhy dogrulygyň ähli talaplaryna laýyk gelýär» diýip tassyklaýar[16].

Bu aýatlarda resul Pawlus okyjylara Mesihi şol bir wagtyň özünde bäş ýüzden hem gowrak adamlaryň görendikleri baradaky faktyň mälimdigine bil baglaýar. Resul ol adamlaryň aglabasynyň entegem diridigini we olaryň sorag-jogap edilip bilinjekdigini ýatladýar. Bu tassyklama — iki müň ýyl mundan ozal bolup geçen wakany tassyklamak üçin tapyp bolýan degerli subutnamadyr.

Şuňa meňzeşlikde, Täze Ähti barlaýjy Ç.H. Dodda hem şeýle diýýär: «Eger Pawlus iş ýüzünde “gözi bilen görenler muny şahsy taýdan tassyklap bilerler” diýmek islemeýän bolsa, onda bu bäş ýüzleriň aglabasy entek diri diýen fakty ýatlap geçmeginiň hiç bir manysy bolmazdy»[17].

Bu gözi bilen görenleriň arasynda Mesihe duşmançylykly ýa-da Onuň ölülerden direlendigine şübhe bilen garaýanlary hem bardy. Ýeterlik maglumata eýe bolan adamlaryň hiç biri-de Tarsusly Şawul Mesihiň yzyna eýeri-

jilere degişli diýmezdi. Ol Mesihi ýigrenip, bütin mesihi hereketini köki bilen ýok etmek maksady bilen mesihileri yzarlaýardy. Ýöne muňa garamazdan, soňy bilen Pawlus adyna eýe bolan Şawul iň beýik we üstünlikli mesihileriň biri boldy. Munuň ýaly üýtgeşiklige näme sebäp boldy? Munuň üçin ölülerden direlen Mesihiň şahsy taýdan görünmekligi talap edildi (Korintoslylara birinji hat 9:1-e; Resullaryň işleri 22:4–21-e seret).

Ýa-da diýeliň, Isanyň dogany Ýakuby alalyň. Isanyň durmuşynda Onuň ýekeje dogany-da Oňa ynanmandygyny Injil beýan edýär. (Ýohanna 7:5-e; Mark 3:21-35-e seret). Galyberse-de, olar Iýerusalimdäki halk baýramçylygynda Isany ölüm duzagyna salmaga synanyşdylar. Ýöne soňy bilen Ýakup öz doganynyň yzyna eýerijilere we yzarlanylýan mesihi toparyna goşuldy. Ol irki Ýygnagyň ýolbaşçylarynyň biri we görgi görüp öldürilenleriň biri boldy (bu fakt Iosif Flawiý, Ýegezipp we Kliment Aleksandriýskiý tarapdan tassyklanylýar). Onuň mesihilige bolan şeýle çürt-kesik özgermesini

näme döretdi? Belki-de, Ýakup hem ölülerden direlen Isany görendir?

## Ölülerden direlmegi «düşündirmek» synanyşyklary

Isa Mesihiň ölülerden direlendigi öňünden gurnalan diýip görkezmek üçin ençeme synanyşyklar öňe sürüldi. Ölülerden direlmegi gurşaýan faktlaryň aglabasynyň jedelsizdigi üçin bu synanyşyklar faktlary başga ýol bilen düşündiriliş bilen bagly. Şeýle-de, ölülerden direlmekligi rowaýata, hyýaly pikirlere ýa-da tebigatyň kanuny hereketlerine degişli etjek bolýarlar. Höküm, haça çüýlenme, jaýlanma, garawullar, möhür ýa-da boş mazar ýaly esasy faktlary şübheçilleriň az bölegi inkär edýär, çünki olary tassyklaýan taryhy subutnamalar gaty köp. Olar bu faktlaryň ölen adamy durmuşa dolandyryp getirmek barada gürrüň berýän faktlary inkär edýärler. Olaryň bu düşünjelerini şeýle beýan edip bolar: «Bularyň bary şeýle, emma başga-da bir düşündiriş bolmaly».

Täze Ähtdäki teklip edilýän düşündirişi kabul etmegiň deregine bu teoriýalaryň käbirleri bilen ylalaşmak üçin has köp ynam gerek bolýandyr. Bu teoriýalaryň her birine biz «Ölümden direlmekligiň subutnamalary» atly kitabymyzda seredip geçdik. Bu ýerde islendik teoriýanyň ähli faktlary düşündirmelidigini bellemeklik gerekdir we muňa resullaryň öz ynamlary üçin görgüleri we ölümi kabul etmeklige taýyn bolandyklary we Isanyň fiziki taýdan üçülenji gün ölümden direlendigi fakty hem goşmalydyr. Eger ölülerden direlme ýalan bolsa, onda olar näme sebäpden görgülere we ölüme baş goşdular? Kimdir biri muny resullaryň köpçülikleýin gallýusinasiýa täsiri astynda bolandyklary bilen düşündirjek boldy, ýöne psihologlar bize gallýusinasiýanyň özbaşdak şahsy taýdan başdan geçirmedigini aýdýarlar we bir topar adamyň hemmesinde şol bir gallýusinasiýanyň bolmagy mümkin däl. Bu düşündirişler açyk-aýdyň bolan faktlara gabat gelmeýär.

# 4-nji bap

## INDİ NÄME?

Şu kitapda teklip edilen Isa Mesihiň ölülerden direlendiginiň taryhy subutnamalaryna nähili baha berýärsiňiz? Siz Mesihiň mazarynyň boşdugy baradaky resmi taýdan tassyklanylan fakty bilip, nähili karar kabul edersiňiz?

Haçan men (Joş) Mesihiň ölülerden direlendiginiň jedelsiz subutnamalary bilen tanyş bolanymda, mundan gelip çykýan logiki soragy özüme bermeli boldum: «Mesihiň haçda öz günälerim üçin ölüp, ölülerden direlendigine ynanmagym ýa-da ynanmazlygym meniň durmuşyma nähili täsir eger?»

Siz ýa-da başga biri bu soraga jogap bermegiňiz üçin siz Isa Mesihiň Öz şägirtlerine

aýdan sözleri hakda oýlanmaly bolarsyňyz: «Ýol, hakykat we ýaşaýyş Mendirin, Mensiz hiç kim Atanyň ýanyna baryp bilmez» (Ýohanna 14:6). Resul Petrus Öz Mugallymynyň tassyklamasyny gaýtalaýar: «Ondan başga Halasgär ýokdur. Onuň ady bütin älemde adamzady halas edip bilýän ýeke-täk atdyr» (Resullaryň işleri 4:12).

Özüniň Hudaý Ata bilen gatnaşyklara bolan ýeke-täk ýoldugy hakynda Isa göni aýdýar. Biziň Hudaý bilen gatnaşyklarymyzyň düzedilmäge mejbur bolmaklygy — bu günädir. Rimlilere ýazylan hata (3:23) laýyklykda, hemmeler — ýagny *biziň her birimiz* Hudaýyň kämil ahlak ölçeglerine laýyk gelmeýäris. Netijede biz mukaddes Hudaýdan jyda düşen we öz günämiz üçin jeza çekmelidiris, ýagny Hudaýdan baky aýralykda bolmalydyrys. Ýöne Injiliň täsin hakykaty şundan ybaratdyr, ýagny biz öz günälerimize toba edip, Mesihe bolan imanymyz arkaly Hudaý bilen ýaraşyp bilýändiris (Rimlilere hat 5:1-e seret). Mesihiň ölülerden direlendigininiň jedelsiz subutnamalary we Isanyň günäleri bagyşlap,

Hudaý bilen baky gatnaşyklary berýändigini bilip, kim muny inkär eder ýaly samsykdyr?

Mesih diri! Ol şu gün ýaşaýar! Iň dogry çözgüt — bu öz durmuşyňy Oňa ynanmaklyk we diňe Onuň berip biljek şahsy özgerişligi duýmaklykdyr.

## Isanyň özüňiz üçin edenlerine siz nädip jogap berip bilersiňiz?

Siz Isanyň özüňiz üçin Öz ölümi we ölülerden direlmekligi arkaly edenleri üçin dilegleriňizde jogap berip bilersiňiz. Dileg — bu Hudaý bilen ýönekeý gürrüňdeşlikdir. Hudaý sizi bilýär we Onuň üçin siziň sözleriňiz däl-de, ýüregiňiz wajypdyr. Eger siz hiç haçan özüňizi Mesihe bagyş etmedik bolsaňyz, onda muny göni şu wagt edip bilersiňiz we munuň üçin şu dileg bilen ýüzleniň:

> Reb Isa, men saňa mätäç. Meniň günälerim üçin haçda öleniňe men minnetdar. Men öz durmuşymyň gapylaryny açýaryn we Seni öz Halasgärim we Rebbim hökmünde boýun alýaryn. Günälerimi bagyşlaýandygyň we maňa

> baky ýaşaýyş berýändigiň üçin Saňa minnetdar. Ygtyýarlygyň boýunça Özüňe degişli bolan meniň durmuşymyň kürsüsinde Öz ornuňy eýele. Meni Özüňiň isleýän adamyň ýaly adam et.

Şu dileg siziň ýürek islegiňizi beýan edýärmi? Eger hawa bolsa, onda ony göni şu wagt aýdyň we Mesih wada berşi ýaly siziň durmuşyňyza girer.

Mesihi öz ýüregiňize kabul etmek üçin dileg etdiňizmi? Onda Aýanlyk kitabyndaky (3:20) Onuň wadasyna laýyklykda, siz babatda Ol hut şu wagt nirede? Mesih siziň durmuşyňyza girmegi wada berdi. Ol Öz wadasyny ýerine ýetirmän bilermi? Ýok! Öz dilegiňize Hudaýyň jogap berendigine siz ynamly bolup bilersiňiz, çünki Oňa we Onuň Sözüne bil baglap bolýandyr.

Mesihi kabul etmeklik bilen siziň baky ýaşaýşy kabul edýändigiňizi Mukaddes Kitap wada berýär: «Hudaýyň şaýatlygy, ine, şundan ybarat: Hudaý bize baky ýaşaýyş berdi, bu ýaşaýşy Öz Ogly arkaly berdi. Kim Hudaýyň Ogluna iman edýän bolsa, onda ýaşaýyş bardyr, kim iman etmeýän bolsa, onda

ýaşaýyş ýokdur. Men muny size, Hudaýyň Ogluna iman edenlere ýazdym. Şeýlelikde, şuny bilip goýuň: Hudaýyň Ogluna iman eden sizde baky ýaşaýyş bardyr» (Ýohannanyň birinji haty 5:11–13).

Mesihiň öz durmuşyňyzdadygy we Onuň sizi hiç haçan terk etmejekdigi üçin Hudaýa minnetdarlyk bildiriň (Ýewreýlere hat 13:5). Onuň wadasy esasynda siz Mesihiň sizde ýaşaýandygyna we Ony öz ýüregiňize çagyran pursatyňyzdan başlap baky ýaşaýşa eýe bolandygyňyza göz ýetirip bilersiňiz. Ol sizi aldamaz.

## Siz nädip imanda ösüp bilersiňiz?

Siz mesihi durmuşyny ýekelikde alyp barmak üçin döredilmediňiz. Ruhy taýdan ösmek we birek-birigi goldamak maksady bilen beýleki mesihiler bilen duşuşyp durmaklygy bize Hudaýyň Sözi ündeýär (Ýewreýlere hat 10:25). Ýeke bolanyndan birnäçe bilelikdäki odunlar gowy ýanýandyr. Bir oduny sowuk ojaga goýuň we ot çalt söner. Siziň hem beýle-

ki mesihiler bilen gatnaşygyňyz hem edil şeýledir. Eger siz haýsydyr bir mesihi ýygnagyň agzasy bolmasaňyz, onda çakylyga garaşmaň, özüňiz hereket ediň. Mesihe hormat goýup, Onuň sözüni okaýan ýakyndaky ýygnagyň çopanyna ýüz tutuň. Şu hepdeden başlaň we wagtal-wagtal oňa gatnamagy meýilleşdiriň.

Eger siz şu sahypalary okap, Mesih arkaly Hudaý bilen berk gatnaşyklary ýola goýan bolsaňyz, bize bu barada ýazyň we gürrüň beriň. Biz şatlyk bilen size Mesihiň yzyna eýermäge ýardam edip biljek materiallary ugradarys. Siz biziň bilen biziň web-saýtymyz arkaly habarlaşyp bilersiňiz: www.JoshMcDowell.ru. Bu saýtda siz wideomateriallar, makalalar, kitaplar we beýleki çeşmeler ýaly size ruhy syýahatyňyzda kömek edip biljek ençeme peýdaly maglumatlary tapyp bilersiňiz.

Goý, bu kitap we siziň Mesihe ynanmaklyk çözgüdiňiz Hudaý bilen täze gatnaşyklar netijesinde siziň durmuşyňyzy doly özgertsin.

*Joş D. Makdauell*
*Şon J. Makdauell*

# Bellikler

## 1-nji bap
## Näme üçin ölülerden direlmek şeýle bir wajyp?

1. «SuperNinjette», maglumat şe ýerde çap edilen www.atheistnetwork.com, iýul 16, 2007 ý.
2. «…ýagny ähli bütin asyrlyk işler, bütin ruhy ösüşler, her bir ylham we adamzat zehininiň şöhle saçmaklygy derbi-dagyn bolmaklyga sezewardyr... ýagny adamzadyň ýeten bütin ybadathanasy hökmany suratda jaýlanylmalydyr... Diňe şu hakykatlara daýanyp, diňe lapykeçsizligiň berk esasynda — diňe şeýdip janyň ýaşaýan ýerini berk gurup bolýandyr». Bertran Rassel, «Azat adamyň nesli».
3. N. T. Wright, *Isanyň maksady* (Downers Grove, IL: Inter-Warsity maglumaty, 1999 ý), 126.
4. Bu bölekler şunda beýan edilendir: Stefen T. Dawis, *Hakykatdan direldi* (Grand Rapids: Eerdmans, 1993 ý), 203–4.
5. Isaac Asimov, Randy Alkorn, *Gök* (Karol Stream, IL: Tyndale, 2004 ý), 393.
6. Alcorn, *Gök*, 241.

## 2-nji bap
## Ölülerden direlmekligiň hakykatdan hem bolandygyna biz doly göz ýetirip bilerismi?

1. Kraig Blomberg, *Hoş Habarlaryň taryhy ygtybarlygy* (Downers Growe, IL: InterWarsity metbugaty, 1987 ý), 73.
2. Ross Klifford, Ölümden direlme boýunça derňew işi (Edmonton, Alberta: Kanadanyň hukuk, ylahyýet we jemgyýetçilik syýasaty instituty, 1996 ý), 104–5 (kursiw meniňki. — *J. M.*).
3. Blomberg, *Hoş Habarlaryň taryhy ygtybarlygy*, 75–76.
4. Norman L. Geisler, *Gudratlar we häzirki zaman pikirler* (Grand Rapids: Zonderwan, 1982 ý), 58.
5. Ronald Sider, «Pasha baýramy» *HIS* (Aprel, 1972 ý), 27–31.
6. Louis Gottschalk, *Taryha düşünmek*, 2nd ed. (Nýu-Ýork: Knopf, 1969 ý), 150.
7. Sean MakDowell, *Resullaryň ykbaly* (Farnham, UK: Ash-gate metbugaty, 2015 ý).
8. Täze Ähtiň golýazmalarynyň dogrudygynyň has jikme-jik seljermelerini siz biziň şu kitabymyzda tapyp bilersiňiz «Çözgüt talap edýän subutnama: şübhelenýän dünýä üçin ýaşaýyş tassyklaýjy hakykat» (Grand Rapids: Baker kitaplary, meýilleşdirilýän çap edilme wagty — güýz 2017 ý).
9. Jon Wenham, Pasha tapmaça (Oksford, Angliýa: Paternoster metbugaty, 1984 ý), 10–11.

Garmonizasiýanyň ýene bir synanyşygy, seret Isa Mesih: Şu wagta çenli ýaşalan iň beýik durmuş, Jonston M. Çeýni we Stenli Ellisen (Eugene, OR: Behişt metbugaty, 1994 ý), Stereo-da Mesihiň durmuşy (Portland, OR: Günbatar Baptist Seminary metbugaty, 1969 ý).

10. Stiwen T. Deýwis, Hakykatdanam direldi (Grand Rapids: Eerdmans, 1993 ý), 69 (kursiw meniňki. — J. M.).
11. N. T. Wraýt, «Beden direlşiniň üýtgemegi», *Isanyň many-mazmuny*nda: Iki görnüş, Markus Borg we N. T. Wraýt (Nýu-Ýork: Harper SanFransisko, 2000 ý), 121–22.
12. Pol Maýer, Wagtyň dolulygynda: Roždestwo, Pasha we Irki Ýygnaga taryhy taýdan nazar salmak (Grand Rapids: Kregel, 1998 ý), 180 (kursiw meniňki. — J. M.).

## 3-nji bap
## Ölülerden direlmekligiň subutnamalary

1. Siseron, V «Werresa garşy».
2. Doktor Aleksandr Meterell bilen söhbetdeşlik şu aşakdaky kitapda çap edilipdi: Lee Strobel, *Mesih üçin derňew işi* (Grand Rapids: Zonderwan, 1998 ý), 197–98.
3. William D. Edwards, Wesli J. Gabel we Floýd E. Hosmer, «Isa Mesihiň fiziki ölümi barada», Amerikan lukmançylyk birleşiginiň žurnaly 255, no. 11 (1986-njy ýylyň 21-nji marty).

4. Maýkl Grin, Diri Adam! (Downers Grove, IL: «Inter Warsity metbugaty», 1968 ý), 33.
5. Gary R. Habermas, «Näme üçin men Täze Äthte taryhy taýdan ygtybarly hökmünde ynanýaryn?», bu Näme üçin men mesihi bolanymda: Öňdebaryjy akyldarlar näme üçin olaryň ynanýandyklaryny düşündirýärler, Norman L. Geisler we Pol Reýmond E. Braun, Mesihiň ölümi, jilt. 2 (Nýu-Ýork: Doubleday, 1994 ý), 1240.
6. Reýmond E. Braun, Mesihiň ölümi, jilt. 2 (Nýu-Ýork: Dubledaý, 1994 ý), 1240.
7. Durant, Sezar we Mesih (Nýu-Ýork: Simon we Schuster, 1944 ý), 572.
8. Ioann Zlatoust; şu kitapdan getirilýär: Jon Hrizostom, Keramatly Ýohannanyň maşgalalary (neşir., Grand Rapids: Eerdmans, 1969 ý), 321.
9. Rim goşunynyň manysy Mesihden birnäçe asyr soň ýaşan gadymy harby taryhçysy Flawiý Wegesiýa Renatyň işlerinde aýratyn bellenilýär. «Harby işiň gysgaça beýannamasy» atly kitapçasynda Wegesiý rim goşunynyň üstünliginiň syryny açýar: «Uruşdaky ýeňiş diňe bir edermenligiň sanyna ýa-da onuň özüne bagly däl; diňe başarnyklyk we tertiplilik ýeňşiň girewi bolýandyr. Biz rimlileriň dünýäni basyp almaklarynda özleriniň hemişeki harby ussatlylyga öwrenmeklerine, öz lagerlerinde tertibi berk saklamaklaryna we urşyň beýleki görnüşlerindäki dyngysyz türgenleşiklerine borçludyklaryny bildik».

10. Arçibald Tomas Robertson, Täze Ähtdäki söz suratlary, 6 tom. (Neşwil: Broadman metbugaty, 1930 ý), 1: 238–39.
11. Pol Maýer, «Taryh ýaly boş mazar», Şu gün Mesihiçilik, 1975 ý, 5, 28-nji mart.
12. Jorj Kýuri, «Rimlileriň şäher döredileninden respublikanyň ahyryna çenli harby düzgün-nyzamy», 1928-nji ýylda Indiana uniwersitetiniň aspirantura geňeşiniň gatnaşmagynda çap edilen dissertasiýadan bir bölek.
13. Bil Waýt, ajaýyp bir zat: Mukaddes hepde we Ysraýyl bilen baglanyşykly direliş kyssalaryna täzeden baha bermek (Ysraýyl: etanetz Ltd., 1976 ý).
14. Maýkl Grin, Isanyň boş haçy (Downers Grove, IL: InterWarsity Press, 1984 ý), 22–23.
15. Reginald H. Fuller, Täze Äht Mesihiligiň esaslary (Nýu-Ýork: Skripner, 1965 ý), 142.
16. Hans fon Kempenhauzen, «Pasha we boş gubur wakalary», Irki ýygnakdaky däp-dessurlar we durmuş (Filadelfiýa: Gala, 1968 ý), 44.
17. Ç. H. odd, «Täzeden direlen Mesihiň daşky görnüşleri: Hoş Habarlaryň forma-tankydy öwreniş» Täze Ähti has köpräk öwrenmek (Mançester, Angliýa: Mançester uniwersiteti metbugaty, 1968 ý), 128.

# MAZMUNY


Meniň şahsy syýahatym..............................................3
*Men mesihiligi puja çykarmaga synanyşanymda, näme bolup geçdi?*

1-nji bap
NÄME ÜÇIN ÖLÜLERDEN DIRELMEK
ŞEÝLE BIR WAJYP? ..................................................10
*Dünýäniň ýeke-täk umydy*

2-nji bap31
ÖLÜLERDEN DIRELMEKLIGIŇ
HAKYKATDAN HEM BOLANDYGYNA
BIZ DOLY GÖZ ÝETIRIP BILERISMI? .....................29
*Bu hakykatmy? Muňa ynanyp bolarmy?*

3-nji bap
ÖLÜLERDEN DIRELMEKLIGIŇ
SUBUTNAMALARY ..................................................49
*Isa dogrudanam ölüp, jaýlanyp, soňundanam ölülerden direldimi?*

4-nji bap
INDI NÄME? .............................................................79

Bellikler......................................................................85